**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– BAGTYÝAR ÇAGALYGYŇ, IŇ SÜÝJI ARZUWLARYŇ, BELENT MAKSATLARYŇ HASYL BOLÝAN ÝURDY BOLAN GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANDA DURMUŞYMYZYŇ GÜL-GUNÇALARY BOLAN ÇAGALAR DÖWLET TARAPYNDAN AÝRATYN ALADA BILEN GURŞALÝAR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
22-nji awgust, 2025. Belgisi 34/1652




# ILE DÖWLET GELER BOLSA, BAGŞY BILEN OZAN GELER

***20-nji awgustda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Çalsana, bagşy!» atly döredijilik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň medeniýet ulgamyny ösdürmek boýunça başyny başlan asylly işleri häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak hem-de olaryň ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmek üçin ähli zerur şertler döredilýär. Şunda türkmen halkynyň milli bagşyçylyk we saz sungatyny ösdürmek, ýaş bagşy-sazandalary höweslendirmek maksady bilen, dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda geçirilýän «Çalsana, bagşy!» atly döredijilik bäsleşiginiň möhüm ähmiýetini bellemek gerek.

Dutarçylyk sungatynda parahatçylyk söýüji halkymyzyň durmuş pelsepesi, ruhy gymmatlyklary öz beýanyny tapýar. Halk bagşylarynyň asyrlaryň jümmüşine uzap gidýän bu sungaty ähli döwürlerde aýratyn hormat-sarpa mynasyp bolupdyr. Häzirki wagtda türkmen dutarynyň şirin owazy berkarar döwletimiziň mukaddes Garaşsyzlygynyň, hemişelik Bitaraplygynyň waspy, parahatçylyk söýüjiligiň, hoşniýetliligiň we dost-doganlygyň mukamy bolup ýaňlanýar. Dutar ýasamak senetçiliginiň, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi hem munuň aýdyň mysalydyr.

Ýygnananlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly üns bilen diňlediler. Gutlagda bellenilişi ýaly, häzirki döwürde ýurdumyzyň ähli ulgamlary bilen birlikde, medeniýet ulgamy hem uly ösüşlere eýe bolýar. Medeniýet ulgamynyň kämilleşdirilmegi halkymyzyň döredijilik kuwwatyny artdyrmaga, jemgyýetimizde watansöýüjilik, agzybirlik, ynsanperwerlik ýörelgelerini dabaralandyrmaga uly ýardam berýär. Ýurdumyzyň medeniýet edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, täze medeni maksatly binalary gurmak, milli medeniýetimizi, sungatymyzy, edebiýatymyzy ösdürmek, döredijilik işgärlerini höweslendirmek babatda iri möçberli döwlet maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar. Türkmen halkynyň köp asyrlaryň dowamynda kemala getiren milli bagşyçylyk sungatyny kämilleşdirmäge, täze aýdym-sazlar bilen baýlaşdyrmaga, il içinden sungata höwesli ýaş bagşy-sazandalary ýüze çykarmaga döwletimiz tarapyndan uly üns berilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda geçirilýän «Çalsana, bagşy!» bäsleşigi hem geljekde aýdym-saz sungatyny has-da ösdürmäge ukyply nesilleri ýüze çykarmakda, olary höweslendirmekde özboluşly ähmiýete eýedir.

Döredijilik bäsleşigine 18–35 ýaş aralygyndaky ýerine ýetirijileriň gatnaşmagy ýurdumyzda ýaşlar baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini güwäsidir. Onuň jemleýji tapgyryna Aşgabat we Arkadag şäherlerinden, ýurdumyzyň welaýatlaryndan deslapky tapgyrlarda ýeňiji bolan bagşylaryň 14-si, dutarçy sazandalaryň hem 14-si gatnaşdy. Ilki bilen dutarçy sazandalaryň çykyşlaryna orun berildi. Çalnan halk sazlarynda halkymyzyň milliligi, durmuş pelsepesi, ruhy dünýäsi öz beýanyny tapdy. Dutarçy sazandalaryň ýerine ýetirmeginde ýaňlanan dünýäniň dürli halklarynyň sazlary, şol sanda nusgawy sazlar çärä özboluşly öwüşgin çaýdy. Bäsleşige gatnaşyjylaryň ýerine ýetirmeginde ýaňlanan «Çalsana, bagşy!» aýdymy dabaranyň iň şowhunly pursatlarynyň birine öwrüldi.

Soňra bäsleşigiň ikinji bölüminde türkmen halk aýdymlary ýerine ýetirildi. Hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň döredijiligine berýän üns-aladasyndan ruhlanyp, bäsleşige gatnaşyjylar aýdym-sazlary aýratyn joşgun we ussatlyk bilen ýerine ýetirdiler. Bagşy-sazandalaryň halk sazlaryny hem-de aýdymlary ýurdumyzyň dürli sebitlerine mahsus ýol-ýörelgeler esasynda ýerine ýetirmekleri bäsleşigiň köpöwüşginli häsiýetli bolmagyny şertlendirdi. Konsert maksatnamasynda halkymyzyň saz medeniýetini, onuň parahatçylyk söýüjilikli ýörelgelerini wasp edýän çykyşlara möhüm orun berildi. Bäsleşige gatnaşyjylaryň bilelikde ýerine ýetiren «Parahatçylyk aýdymy» atly aýdymy ýurdumyzda durmuşa geçirilýän dost-doganlyk syýasatyna, halkymyzyň abadan durmuşy, milli medeniýetimiziň dünýäde wagyz edilmegi ugrunda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalaryna belent buýsanjyň senasy bolup ýaňlandy.

Soňra ýeňijileri sylaglamak dabarasy boldy. Dabara gatnaşanlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda ýeňiji bolan bagşylaryň hem-de dutarçy sazandalaryň 14-siniň atlary yglan edildi we olaryň her biri ýörite diplom hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň altyn zynjyry bilen sylaglanyldy. Şeýle hem «Çalsana, bagşy!» bäsleşigine gatnaşanlaryň ählisine hormatly Prezidentimiziň adyndan ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

Bäsleşigiň ahyrynda oňa gatnaşyjylar Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Onda ýaşlaryň döredijilik başlangyçlarynyň goldanylmagy, milli medeniýetimiziň ösdürilmegi ugrunda yzygiderli alada edýän döwlet Baştutanymyza hoşallyk beýan edilýär hem-de ýaşlaryň ussat bagşylaryň döredijilik ýoluny mynasyp dowam etdirijiler hökmünde milli aýdym-saz sungatymyzy ösdürmek babatda yhlasyny gaýgyrmajakdyklary bellenilýär.

# ÄHLI ZAT ÇAGALAR ÜÇIN

***21 – 23-nji awgustda paýtagtymyzda «Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin» atly halkara köpugurly sergi-ýarmarka geçirilýär. Bu çäre Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we «Türkmen Expo» hususy kärhanasy tarapyndan bilelikde guralýar. Bu iri göwrümli gözden geçiriliş ýurdumyzda çagalar üçin niýetlenen önümleri öndürýän döwlet we hususy pudaklara hem-de daşary ýurt kompaniýalaryna öz harytlaryny hödürlemekde netijeli meýdançadyr.***

Täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda geçirilýän sergi-ýarmarkanyň açylyş dabarasyna Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiziň sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagy uly üns bilen diňlenildi. Döwlet Baştutanymyz Gutlagynda: «Çagalaryň şatlykly gülküleri ýurdumyzyň abadançylygynyň, Watanymyzyň häzirki we ertirki gününe bolan ynamyň iň ajaýyp güwäsidir. Türkmenistanda üstünlikli durmuşa geçirilýän syýasat, şeýle hem ýörite maksatnamalar çagalaryň doly derejeli okamaklaryna, dynç almaklaryna, döretmeklerine, olaryň bilimli, ylymly, beden taýdan sagdyn, Watana wepaly şahsyýetler bolup ýetişmeklerine gönükdirilendir» diýip belleýär.

23-nji awgustda tamamlanjak sergide paýtagtymyzyň ýaşaýjylarydyr myhmanlary, hususan-da körpeje jigilerimiz üçin niýetlenen tematiki ugurly dürli görnüşli önümleriň köp sanlysyny özünde jemleýän diwarlyklar ýerleşdirildi. Şunda sergä gel-




ýänleri diňe bir bu ýerde görkezilýän ýokary hilli harytlaryň giň görnüşi däl-de, eýsem, olaryň täze doglandan başlap, dürli ýaşdaky çagalara niýetlenendigi hem özüne çekýär. Täze doglan çagalar üçin harytlaryň uly toplumy – geýimler, gap-gaçlar, bäbejikler üçin ýokumly iýmitler, arassaçylyk serişdeleri we beýleki önümler, ilkinji nobatda, ýaş ene-atalarda uly gyzyklanma döredýär.

Sergi ugurlara görä zolaklara bölünip, ol ýerde çagalar üçin ýörite güýmenje meýdançalary döredildi. Olardan kiber zolagynda robotlar bäsleşigi, «Baky tylla» okuw merkeziniň programmirleme boýunça bäsleşikleri geçirildi. Şol zolagyň çäginde «Sanly bilim» we «CreaKids» okuw merkezleriniň kompýuter oýunlaryny döretmek hem-de robototehnika boýunça «Memo» kompaniýasynyň hyýaly hakykat tehnologiýasy (VR) bilen tanyşdyrylyş sapaklary geçirilýär. VR-ylym zolagynda «JAM Creative» agentliginiň ylmy-tehnologiýa we haýwanat dünýäsine bagyşlanan, döredijilik ussatlyk sapaklaryna bagyşlanan zolakda bolsa «Art bazar», «Nur art» ýaly merkezleriň el işleriniň ussatlyk sapaklaryna çagalar höwes bilen gatnaşýarlar. Şeýle-de iýmit zolaklary guralyp, sergi körpeler üçin ýatdan çykmajak mümkinçilikleri hödürleýär. Sergide mekdep harytlaryny özünde jemleýän pawilýonlar aýratyn gyzyklanma döredýär. Bu ýerde çagalar üçin zerur ähli okuw esbaplary jemlenipdir. Ýurdumyzda eýýäm ikinji gezek geçirilýän



özboluşly sergä geçen ýyldakydan has köp gatnaşyjynyň bolmagy aýratyn bellärliklidir.

Sergi-ýarmarkasyna gatnaşyjylaryň arasynda «Kämil bilim» ýaly ýurdumyzyň belli bilim merkezleri ýörite işlenip taýýarlanan maksatnama boýunça giň ugurly bilim hyzmatlaryny ilata hödürleýär. Gözden geçirilişiň çäklerinde çagalar harytlaryna we hyzmatlar pudagyndaky täze önümlerdir tehnologiýalara uly ähmiýet berildi.

Sergä gatnaşýanlaryň hatarynda çagalar üçin dürli önümleriň satuwyny amala aşyrmaga ýöriteleşen iri söwda platformalary we internet dükanlary hem bar. Gözden geçirilişiň çäklerinde el işine ussatlaryň taýýarlan önümleriniň ýarmarkasy-da bar. Onda halkymyzyň milli sungatynyň özboluşly aýratynlyklaryny özünde jemleýän sungat eserleri görkezilýär.

Sergä körpejeleriň işjeň gatnaşmagy onuň esasy aýratynlygy boldy. Serginiň



ilkinji güni «Miras» modeller öýüniň taýýarlan, owadan çaga lybaslarynyň görkeziliş dabarasy hem hut şolara gönükdirildi. Zehinli dizaýnerler tarapyndan döredilen her bir lybas özünde däp bolan milli äheňleri we dünýäniň häzirki zaman modasynyň ýörelgelerini sazlaşykly utgaşdyrmak bilen, gaýtalanmajak eserler hödürlendi.

Sergide geçirilýän çäreler ýurdumyzyň geljegi bolan çagalara diňe bir ýatdan çykmajak täsirleri we şatlykly duýgulary bagyşlamak bilen çäklenmän, eýsem, olary çäksiz alada bilen gurşap alýan, ýaş nesliň sagdyn bedenli, bilimli, hemmetaraplaýyn sazlaşykly kemala gelmegi we terbiýelenmegi üçin ähli şertleri döredýän Watanymyza bolan söýgini hem artdyrar.

# Ösüşli ýyllarymyzyň şöhratly ädimleri




Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylýan giň gerimli özgertmeler, ykdysadyýetde ýetilen belent sepgitler ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny aňlatmak bilen birlikde, ählumumy parahatçylygy we deňhukukly ösüşi maksat edinýän halkara hyzmatdaşlygyň miweleridir. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýylynda ýurdumyzyň her bir güni parahatçylyga, asudalyga beslenýär.

Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi bolan Watanymyz diňe bir sebitiň däl, eýsem, dünýäniň ýurtlaryny dost-doganlyga, parahatçylyga çagyryjy merkez bolup durýar. Ýurdumyz Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny esas edinip, parahatçylygy we ylalaşygy, hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde uly hyzmatlary bitirýär. Şonuň üçin hem durnukly ösüş ýolundan ynamly öňe barýan ýurdumyz bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge bolan isleg dünýä ýurtlarynda barha artýar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna has çuňňur aralaşmagy bilen, banklar tarapyndan berilýän uzak möhletleýin karzlaryň, şeýle hem dünýäniň abraýly halkara maliýe karz institutlary tarapyndan berilýän serişdeleriň paýy we orny yzygiderli ýokarlanýar. ■ 3


4
**Ilaty 1 milliondan geçýän şäherler**
Dünýä gitdigiçe şäherleşýär, şäherlerde öňküden-de köp adam ýaşaýar. Täze maglumatda ilaty 1 milliondan köp bolan dünýäniň ähli şäherleri ýurtlar boýunça kategoriýalara bölünýär.

5
**Dünýäde meşhurlyk gazanan 10 tagam**
Adamlar dürli sebitlerde ýaşasa-da, iýmitleniş aýratynlyklary dürli-dürli bolsa-da, tagamlaryň käbiri halkara derejesinde uly isleg bildirilýän meşhur iýmitler hasaplanýar.

6
**Uçut gaýanyň ýüzündäki kitap dükany**
Hytaýyň Guansi-Çžuan awtonom sebitiniň Heçi etrabynda 300 metrlik gaýanyň ýüzünde gurlan özboluşly kitap dükany kömleriň göwnünden turdy.

7
**«Arkadag» hem-de «Ahal» toparlarynyň bäsdeşleri belli boldy**
AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň täze möwsüminiň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Ýaryşda «Arkadag» we «Ahal» klublary bilen birlikde 32 topar 8 toparçada güýç synanyşar.

# HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISINE ÝOKARY DEREJEDE TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR



**20-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramyny ýokary derejede geçirmek boýunça meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy.**

Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, türkmen halkynyň asylly däp-dessurlarynyň biri bolan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmagyň müňlerçe ýyl bäri halkymyzyň durmuşynda dowam edip gelýän demokratik däpleriň biridigini, häzirki taryhy döwürde bu däpleriň ýurdumyzyň ösüşiniň esasyna, ileri tutulýan wezipeleri çözmekde jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrülendigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Garaşsyz Watanymyzy ösdürmek boýunça şu ýylyň alty aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlendi. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz tarapyndan bu mejlisde şu ýylyň sentýabrynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyna ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça degişli tabşyryklar berildi diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz şu mejlisiň gün tertibiniň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek hem-de ony guramaçylykly geçirmek, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça öňde durýan möhüm wezipeler, Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramy mynasybetli dürli ugurlarda ýokary zähmet üstünliklerini gazanan, il içinde uly abraýdan we sylagdan peýdalanýan ildeşlerimizi döwlet sylaglaryna, hormatly atlara hödürlemek boýunça işleri alyp barmak bilen bagly dürli soraglardan ybaratdygyny belledi. Türkmen halkynyň Milli Lideri sözüni dowam edip, şu ýylyň sentýabrynda ähli halkymyz bilen bilelikde, agzybirlikde Watanymyzyň Garaşsyzlyk baýramynyň giňden bellenilip geçiljekdigini aýtdy. Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini geçirmek bilen, Garaşsyz döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemini jemläris. Döwrüň talaplaryndan, täze ykdysady şertlerden ugur alyp, täze taryhy döwürde öňümizde durýan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşarys diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady.

Gahryman Arkadagymyz şu mejlisde bolsa «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny esasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek, mejlisiň geçiriljek senesini kesgitlemek, guramaçylyk toparynyň düzümini tassyklamak hakynda degişli resminamalaryň kabul edilýändigini aýtdy. Onda il içinde uly abraýdan peýdalanýan, öz halal zähmeti bilen ýokary zähmet üstünliklerini gazanan watandaşlarymyzy döwlet sylaglaryna hödürlemek, hormatly atlary dakmak boýunça işleriň alnyp barlyşyna serediler. Şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebitde we dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň orny babatda öňde durýan wezipeler kesgitleniler.

Ýakynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Häzirki döwürde bu işleri dowam etmek zerur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Arkadagymyz ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, bu ugurda alnyp barylýan syýasaty milli kanunçylykda berkitmek üçin Türkmenistanyň Mejlisiniň degişli işleri durmuşa geçirmelidigini aýtdy. Geçirilýän işleriň çäginde Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslaryny, onuň kadalaryny, esasy maksatlaryny, öňüni alyş diplomatiýasyny, ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny kanun arkaly berkitmek maksady bilen, «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň taslamasy taýýarlanylsa, maksadalaýyk bolar.

Milli Liderimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen bagly işleriň çäginde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» ýaly esas goýujy resminamalara laýyklykda, degişli ýolbaşçylaryň geljek ýylda ýurdumyzyň makroykdysady ýagdaýyny we maliýe, pul-karz ulgamyny durnukly saklamak, ykdysadyýetiň pudaklaryny depginli ösdürmek arkaly ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak babatda durmuşa geçirilmeli çäreleri seljermelidigine ünsi çekdi. Şeýle hem maýa goýumlaryň esasy bölegini täze önümçiliklere gönükdirmäge, pudaklara sanly ulgamy, täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga, hususy telekeçiligi ösdürmäge möhüm ähmiýet bermeli. Şoňa görä-de, maksatlaýyn, pudaklaýyn we sebitleýin maksatnamalardan ugur alyp, şeýle hem döwletimiziň milli ykdysadyýetiniň pudaklaryny ykdysady, maliýe görkezijileriniň içgin seljermek bilen, ykdysadyýetiň pudaklary, maglumat-kommunikasiýa, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlary, senagat, oba hojalyk we beýleki pudaklar boýunça teklipleri taýýarlamaly.

Döwletiň we jemgyýetiň durmuşynyň möhüm ugurlaryna degişli soraglar boýunça geçirilen işleriň netijeleri barada hormatly Prezidentimize degişli hasabatlary we maglumatlary bermek, şol maglumatlary seljermek bilen, geljekki ösüşleriň üpjün edilmegi üçin wajyp teklipleri işläp taýýarlamak, çözgütleriň kabul edilmegini gazanmak biziň esasy wezipelerimiziň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzy ösdürmegiň söwda-ykdysady, senagat, önümçilik, dolandyryş, kanunçylyk-hukuk, hyzmat ediş we medeni-durmuş ulgamlarynda gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler barada hem-de geljek üçin giň mümkinçilikleri açýan maglumatlary ýygnamak, olaryň esasynda taýýarlanan teklipleri gysga wagtda işläp düzüp, olary Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanyna bermegi tabşyrdy. Şeýle-de türkmen halkynyň Milli Lideri «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň guramaçylyk topary bilen bilelikde alyp barmaly işlerine ünsi çekdi.

Halk Maslahatynyň agzalary, deputatlar, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň agzalary, alymlar, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görülýän döwürde we mejlisiň jemlemeleri boýunça Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýeti barada täsirli wagyz-nesihat çärelerini, çykyşlary, duşuşyklary giňden guramalydyr diýip, hormatly Arkadagymyz aýtdy. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça işleri guramaçylyk topary bilen bilelikde meýilnama esasynda alyp barmak, Halk Maslahatynyň garamagyna soraglary taýýarlamagy we resminamalaryň taslamalaryny guramaçylyk toparynyň ýygnaklarynda deslapdan ara alyp maslahatlaşmak möhümdir. Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmekde welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek, raýatlardan gelip gowşan tekliplere, beýleki ýüztutmalara garamak, olary hasaba alyp, umumylaşdyrmak boýunça işleri alyp barmak, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmegiň maksatnamasyny taýýarlamak, onuň işini köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan etmek bilen bagly zerur maglumatlary taýýarlamak hem wajypdyr.

Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça guramaçylyk işlerini Türkmenistanyň Mejlisi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň häkimlikleri, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde utgaşykly alyp barmalydyr. Türkmenistanyň Mejlisi hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, wagyz etmek boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri bilen alnyp barylýan işleri dowam etdirmelidir. Hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryna laýyklykda, Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň durmuşyň syýasy, ykdysady, medeni ugurlarynda ýokary zähmet üstünliklerini gazanan, halk arasynda uly abraýdan we sylagdan peýdalanýan ildeşlerimizi döwlet sylaglaryna, olara hormatly atlary dakmak boýunça degişli barýan işlerimizi hem guramaçylykly ýerine ýetirmeli. Mynasyp adamlary hödürlemek we bu işleri resmileşdirmek boýunça talabalaýyk alyp barmalydyr diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça çykyş etmek üçin Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berdi.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy Gahryman Arkadagymyzyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek hem-de ony guramaçylykly geçirmek bilen bagly beren gymmatly maslahatlarynyň möhüm ähmiýetini belledi. Şeýle-de ol türkmen halkynyň Milli Lideriniň guramaçylyk döwlet toparynyň mejlislerinde kanunçylygy kämilleşdirmek barada beren tabşyryklaryna, gymmatly maslahatlaryna laýyklykda, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli taýýarlanylan «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilendigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni durmuşynda ýokary üstünlikleri gazanan, il içinde uly abraýdan peýdalanýan raýatlarymyzy döwlet sylaglary bilen sylaglamaga, hormatly atlary dakmaga hödürlemek hem-de resmileşdirmek barada beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek üçin Mejlisde Türkmenistanyň Halk Maslahaty, Ministrler Kabineti bilen bilelikde degişli işler alnyp barylýar.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berdi. Ol Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine görülýän taýýarlyk işleri barada aýdyp, ählihalk forumy bilen bagly çäreleri maliýeleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler hakynda habar berdi.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewe söz berdi.

Wise-premýer Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk pudagynyň dolandyrylyşyny yzygiderli kämilleşdirmek barada öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen, welaýatlarda oba hojalyk önümçiliginiň guralyşyny kämilleşdirmek, ekerançylyk meýdanlarynyň melioratiw ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, suw serişdelerini netijeli peýdalanmak, dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini we täze usullaryny önümçilige giňden ornaşdyrmak, bugdaýyň, pagtanyň, gök-bakja we beýleki oba hojalyk önümleriniň görnüşlerini, hilini we möçberini has-da artdyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň welaýatlaryndaky etraplardyr obalaryň ýaşaýjylaryndan gelip gowşan haýyşnamalar esasynda täze etraplaryň birnäçesini döretmek bilen bagly tekipleriň taýýarlanylandygyny aýtdy we olary Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine hödürledi.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy R.Bazarowa söz berildi. Ol Halk Maslahatynyň ýurdumyzyň Mejlisi we beýleki döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek, guramaçylyk topary bilen bilelikde işleri utgaşykly ýola goýup, degişli seljermeleri, teklipleri taýýarlamak we mejlisiň gün tertibini, onda kabul ediljek resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamak boýunça degişli işleri talabalaýyk ýerine ýetirmek üçin ähli tagallalary etjekdigini, onuň resminama-hukuk, syýasy-jemgyýetçilik, guramaçylyk usuly we üpjünçilik meselelerine degişli işleriň guramaçylykly alnyp baryljakdygyny nygtady.

Soňra Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzy ösdürmek boýunça Halk Maslahatynyň öňünde durýan wezipelere ünsi çekdi. Halk Maslahaty Türkmenistanyň Mejlisi, Hökümeti, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikdäki netijeli işleri dowam etdirip, alnyp barylýan özgertmeler syýasatymyza öz mynasyp goşandyny goşup, Watanymyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça zerur işleri alyp barmalydyr.

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek, jemgyýetimizi yzygiderli demokratiýalaşdyrmak boýunça kabul edilen maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmek, sebitleri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň gündelik zerurlyklaryny we isleglerini kanagatlandyrmak babatda netijeli işleri alyp barmak esasy wezipeleriň hatarynda durýar. Biz geljekde hem dürli ugurlardaky özgertmeler syýasatymyzy üstünlikli dowam etdirmek üçin agzalan ugurlar boýunça täze teklipleriň üstünde işlemelidiris. Şunda iň esasy maksat ýurdumyzyň ähli ilatynyň abadan ýaşaýşyny üpjün etmek, her bir adam üçin amatly ýaşaýyş gurşawyny döretmek bolup durýar diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak hem-de ony guramaçylykly geçirmek hakynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararlaryna gol çekdi.

Şeýle-de Mejlisde 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

## TALYP ÝÜREGINIŇ BUÝSANJY

– Men durmuşymyň iň ýatda galyjy, manyly we göwün göteriji pursatlaryny başdan geçirýärin. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe talyp bolmak bagtynyň miýesser edenine şatlygymyň çägi ýok. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaşlaryň başarnygyny, zehinini deň-duşlarynyň görkezmegine giň mümkinçilik döretdi. Şanly ýylda özüm ýaly ýaşlaryň müňlerçesiniň ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyby bolmak bagtyna eýe bolmagy hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Geljekde saýlap alan hünärim boýunça nazary bilimleri özleşdirip, energetika ugrundan ökde hünärmen bolup, ýurdumyzyň energetika kuwwatyny has-da artdyrmaga goşant goşmagy maksat edinýärin. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň binýatlyk pudagy bolan nebitgaz pudagynyň döwrebap derejede ösdürilmegine özümiň mynasyp goşandymy goşaryn. Biz – ýaşlaryň ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edilen bilim ojaklarynda bilim-ylym öwrenip, kämil ynsan bolup ýetişmegimiz üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutýan tutumly işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýärin.

**Leýli ÝAZGYLYJOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

* * *

– Her bir ynsanyň ýüreginde beslän arzuwlary bolýar. Şol arzuwlar geljekki ösüşlere, beýik ýeňişlere ruhlandyrýar. Her bir ýaş nesliň kalbynda beslän arzuwlarynyň biride, elbetde, ýokary okuw mekdebinde okuwyny dowam etdirip, berkarar döwletiň bagtly talyby bolmakdyr. Meniň hem ýüregimde beslän arzuwym Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hasyl boldy. Bagtyýar ýaşlaryň hatarynda Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby bolmak bagty miýesser etdi.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda yzygiderli amala aşyrylýan energetika syýasaty ýangyç-energetika toplumynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegini we onuň halkara energoulgamyna sazlaşykly goşulyşmagyny ugur edinýär. Ýurdumyzda bu ulgamda amala aşyrylýan maýa goýum taslamalary möhüm ykdysady ähmiýete eýe bolmak bilen çäklenmän, eýsem, sebitiň we dünýäniň energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmakda hem uly orun eýeleýär. Ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň biri bolan nebitgaz pudagy üçin öňdebaryjy hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebinde bilim alyp, ýurdumyzyň nebitgaz pudagynyň ösüşine goşant goşmak meniň üçin uly bagtdyr.

Döwrebap ýokary okuw mekdeplerinde bilim almagymyz, geljekde saýlap alan hünärimiziň hakyky eýeleri bolup ýetişmegimiz üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, il-ýurt bähbitli işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýärin.

**Oguljeren SARYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

* * *

– Durmuşyňda şeýle bir pursatlar bolýar, şol pursatlar ýatdan çykmajak wakalara beslenýär. Ynha, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly meniň durmuşymda ýatdan çykmajak ýyllaryň birine öwrüldi. Bu ýyl maňa Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzda talyp bolmak meniň göwün guşumy ganatlandyrdy. Ýurdumyzda okamaga, öwrenmäge giň mümkinçilikler döredilýär. Men hem şol mümkinçiliklerden peýdalanyp, ata Watanymyzyň ösüşine özümiň mynasyp goşandymy goşup, hormatly Prezidentimiziň biz – ýaşlara bildirýän ynamyna jogap edip, uly yhlas bilen okajakdygyma ynandyrasym gelýär. Dünýä ülňülerine laýyk bilim almaga döredip berýän ähli mümkinçilikleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýaryn.



**Aýlar ANNAGYLYJOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## «Boeing»-den öňe geçer

«Airbus» kompaniýasynyň kiçi göwrümli «A320» uçary dünýäde iň köp öndürilýän howa gämisi boldy. Şeýlelikde bu uçar iň köp öndürilen uçar rekordyny hem täzelemäge ýakynlaşdy. Häzire çenli iň köp öndürilen uçar «Boeing 737» hasaplanýar. Emma bu uçaryň öndürilip başlanan wagty «Airbus A320»-den has ir.



«Airbus A320» uçarynyň ilkinjisi 1988-nji ýylda «Air France» awiakompaniýasyna gowşurylýar. Emma şol ýyl «Boeing 737»-niň önümçiligine eýýäm 20 ýyl bolupdy. Bu iki uçaryň önümçiligi häzirki wagtda hem dowam etdirilýär. Maglumatlara görä, häzire çenli «Airbus» jemi 12 müň 155 sany «A320» uçaryny müşderilerine gowşurypdyr. «Boeing» bolsa, 12 müň 175 sany «737» uçar öndüripdir. Aradaky tapawudyň geljek aýda ýapylmagyna garaşylýar. Dünýädäki ýolagçy uçarlarynyň ýarysyna golaýyny «A320» we «737» uçarlary emele getirýär. «Airbus»-yň ýangyjy has tygşytly sarp edýän «A320neo» modellerine islegiň ýokary bolmagy «Boeing 737»-lerden öňe geçmegine sebäp boldy.

**Aýlar ORAZMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*



## ÝUNESKO-nyň sanawyna girizildi

Her ýylyň awgust aýynda Nigeriýanyň Oýo welaýatynda Sango festiwaly geçirilýär. Bu festiwal ýerli ýoruba halkynyň täze ýyly mynasybetli geçirilýär. Şu ýylky baýramçylyk has hem dabaraly boldy. Sebäbi dabaralaryň çäklerinde Sango festiwalynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilendigi baradaky şahadatnama gowşuryldy. Medeni çärelere gatnaşmak üçin her ýyl bu ýurda 20 müň töweregi daşary ýurtly myhman barýar. Olara milli tagamlar hödür edilýär. Festiwalda ähli ýaşdaky erkekler we zenanlar gyzyl reňkli egin-eşik geýýärler.

Maglumatlara görä, häzire çenli ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna dünýäniň 140 ýurdundan 700-e golaý gymmatlyk girizildi.

**Nowruz MYRATDURDYÝEW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň mugallymy.*

## 100 million ýyllyk merjen

Awstraliýaly alymlar 2019-njy ýylda tapylan merjeniň 100 million ýyllykdygyny tassykladylar. Şol ýyl Kwinslend ştatynyň Riçmond sebitindäki Kronozawr Krona muzeýiniň gazuw-agtaryş meýdançasynda işleýän meýletinçi syýahatçy gadymy merjeniň galyndysyny tapdy. Kwinslend uniwersitetinde zähmet çekýän paleontolog Gregori Webb geçirilen barlaglaryň netijesinde ululygy 2 santimetre barabar bolan merjeniň 100 million ýyllykdygyny anyklandyklaryny belledi. Ýaşy anyklanandan soňra, merjen Kronozawr Krona muzeýinde köpçülige görkezilip başlandy.

**Tawus GÜÝJOWA,**
*Akdepe etrap merkezi kitaphanasynyň Agzybirlik geňeşligindäki kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*



## «Ýewrowideniýe» bäsleşigi geljek ýyl Wenada geçiriler




Ýewropa Ýaýlym Bileleşigi (EBU) «Ýewrowideniýe» aýdym-saz bäsleşiginiň 2026-njy ýylyň maý aýynda Awstriýanyň paýtagty Wenada geçiriljekdigini mälim etdi. 70-nji gezek geçiriljek bäsleşigiň ýarym finallary 12-nji we 14-nji maýda, uly finaly bolsa, 16-njy maýda geçiriler. Halkara bäsleşik ýurduň iň uly ýapyk arenasy bolan «Wiener Stadthalle»-de geçiriler.

Şu ýyl bu bäsleşik Şweýsariýanyň Bazel şäherinde geçirilip, awstriýaly Ýohannes Piç ýeňiji bolupdy. Her ýyl geçirilýän bäsleşigiň nobatdakysy adatça, ýeňiji bolan aýdymçynyň wekilçilik edýän ýurdunda geçirilýär. Awstriýa mundan ozal, 1967-nji we 2014-nji ýyllarda «Ýewrowideniýäni» kabul edipdi.

**Aýjeren ANNAMÄMMEDOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollanepes adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Uranyň täze hemrasy tapyldy

NASA-nyň Jeýms Webb kosmos teleskopy arkaly Uran planetasynyň daşyndan aýlanýan täze hemra tapyldy. Häzire çenli ylym dünýäsine mälim bolmadyk bu asman jisiminiň diametriniň bary-ýogy 10 kilometre barabardygy mälim edildi. Hemranyň häzire çenli görülmän galmagynyň sebäbi, onuň ýagtylygynyň pes bolmagydyr. Häzire çenli Uranyň 28 hemrasy mälimdi. NASA-nyň resmi web sahypasynda bellenilişine görä, bu asman jisimi ilkinji gezek şu ýylyň fewral aýynda surata düşürilipdir.



Uran Gün ulgamynda 7-nji hatardaky planeta bolup, açyk gök öwüsýär. Planetanyň ýüzünde köp mukdarda buz bolup, temperatura 224 derejä çenli sowuk bolýar.

**Halnazar NEPESOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Daşoguz welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, uly leýtenant.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 22-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116964
Belgisi: 34/1652
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# AWAZA FORUMY – AGZYBIRLIGIŇ NUSGASY

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygyna, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyna taýýarlyk görülýän günlerde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda uly üstünlikler bilen geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty döwlet berkararlygymyzyň ýeten belent derejesini ýene bir ýola bütin dünýä äşgär etdi. Ol türkmen halkynyň




Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň esaslandyran, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň paýhaslylyk we öňdengörüjilik bilen durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň halkara derejede giňden ykrar edilýändigini görkezdi.

Awaza forumy köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde doly beýan edildi we onuň bilen bagly wakalar taryh sahypalaryna ýazyldy. Maslahata gatnaşan myhmanlarda we öz ýurdumyzyň wekillerinde ýatdan çykmajak täsirleri galdyran ol wakalar baradaky gürrüňler entekler dowam eder.

Awaza forumynyň maksatnamasy, esasan, deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň dünýä hojalyk gatnaşyklaryndaky ornuny pugtalandyrmak, bu ýurtlaryň ykdysady bähbitleriniň deňhukukly goraglylygyny üpjün etmek, halkara üstaşyr söwda-ykdysady ýollardan amatly ýagdaýda peýdalanyp bilmekleri üçin çözgütleri kabul etmek ýaly möhüm wezipelerden ybarat boldy.

BMG-niň ýokary wekilçilikli maslahatyna 600 milliona golaý ilaty bolan deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan 32 döwletden gelen wekilleriň, umuman alnanda bolsa, 100-den gowrak ýurduň, 50-ä golaý halkara guramanyň ýokary wezipeli wekilleriniň, 20-den gowrak dünýä belli kompaniýanyň wekilleriniň gatnaşmagy forumyň ählumumy ösüşe dahylly örän uly çäredigine şaýatlyk etdi. Oňa gatnaşan ýurtlaryň ähli yklymdan bolmagy Awaza forumynyň dünýä ösüşiniň köp meselelerini öz içine alýandygyny görkezdi.

Halkara derejeli maslahatyň plenar mejlisleriniň üç gün dowam etmegi garalýan meseleler boýunça düýpli pikirleriň, anyk teklipleriň, möhüm başlangyçlaryň öňe sürülmegine, olar hakda netijeli resminamalaryň we çözgütleriň kabul edilmegine oňyn şert döretdi.

Awaza forumynyň çäklerinde geçirilen birnäçe ugurdaş çäreler, şol sanda «Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy: ösüşiň täze ugry» atly duşuşyk, Bütindünýä Söwda Guramasynyň maslahatlaşmasy, Zenan ýolbaşçylaryň forumy, «Arabaglanyşyk: araçägiň daşyndaky sanly



mümkinçilikler» atly çäre, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan guralan «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleri deňiz bilen baglamakda BMG-niň standartlaryny ulanýan sanly geçelgeler» atly çäre Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň geljekki on ýylyň dowamynda amala aşyrylmaly wezipelerini durmuşa geçirmegiň anyk ýollaryny kesgitlemäge ýardam berdi.

Maslahatda ulag we üstaşyr geçirmek meselelerine-de deglip geçildi. Hereketleriň Awaza maksatnamasynda durnukly ulag geçelgelerini ösdürmäge, gümrük amallaryny ýeňilleşdirmäge, logistikany sanlylaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Şeýle hem forumda üstaşyr çykdajylary azaltmaga we halkara bazarlara elýeterliligi ýokarlandyrmaga ýardam berjek integrirlenen ulag ulgamlaryny döretmegiň, sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň möhüm ähmiýeti bellenildi. Howanyň üýtgemegine durnuklylygy pugtalandyrmak hem wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Maslahatda BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň çäklerinde Deňze çykalgasy bolmadyk döwletler boýunça topary döretmek barada karara gelindi. Munuň özi tagallalary utgaşdyrmaga, maliýe serişdelerini çekmäge ýardam berer.

Maslahatyň jemleýji gününde Awaza syýasy Jarnamasy kabul edildi. Bu resminama DÇBÖBD-ne mahsus meseleleriň halkara ykrarnamasy bolmak bilen, infrastrukturany, söwda gatnaşyklaryny ösdürmäge, howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygy pugtalandyrmaga, maliýe serişdelerini herekete getirmäge gönükdirilen anyk çözgütleri teklip edýär. Jarnamada foruma gatnaşyjylaryň 2024 – 2034-nji ýyllar üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynda kabul edilen borçnamalary ýerine ýetirmek babatda toplumlaýyn çäreleriň gaýragoýulmasyz ýagdaýda kabul edilmegine berk ygrarlydygy beýan edilýär.

Forumyň giň gerimde geçirilendigini käbir maglumatlar hem dolulygyna subut edýär. 5 – 8-nji awgust aralygynda 6 sany plenar mejlis, tematiki «tegelek stol» duşuşyklarynyň 5-si, ýokary derejedäki forumlaryň 7-si, ugurdaş çäreleriň 37-si (şolaryň 5-si Türkmenistan tarapyndan) geçirildi. Maslahatyň işiniň barşy hem-de onuň dowamynda seredilen meseleler bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini tanyşdyrmak maksady bilen, 3 gezek brifing guraldy. Ýurdumyzyň Hökümetiniň agzalary, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň ýolbaşçylary bilen Awaza forumyna gatnaşan döwletleriň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleriniň arasynda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň 138-si geçirildi. Türkmenistan bilen daşary ýurtlaryň hem-de halkara guramalaryň arasynda ikitaraplaýyn resminamalaryň 6-syna gol çekildi.

**Amanbibi HALYLOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# ÖSÜŞLI ÝYLLARYMYZYŇ ŞÖHRATLY ÄDIMLERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Munuň şeýledigini Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky tarapyndan berilýän uzak möhletli, uly möçberli karzlardan hem görmek bolýar. Maýa goýumlar ykdysadyýeti ösdürmekde hereketlendiriji güýç bolmak bilen, umumy ykdysady ýagdaýa, ozaly bilen önümçiligiň, maliýe karz ulgamynyň ösüşine we ilatyň tölege ukyply islegleriniň derejesine oňyn täsirini ýetirýär. «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we Maýa goýum maksatnamasynyň» çäklerinde umumy özleşdirilmeli düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 40,1 milliard manat möçberinde kesgitlenildi hem-de onuň çäklerinde toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Geljekde milli ykdysadyýetimize daşary ýurt maýa goýumlaryny giň gerimde çekmek işini has-da işjeňleşdirmek meýilleşdirilýär. Ýurdumyz tarapyndan amala aşyrylýan «Açyk gapylar» syýasaty daşary ýurt maýa goýumlarynyň goraglylygynyň kanuny kepillikleri, yzygiderli kämilleşdirilýän kanunçylyk binýady bu maksatlara gönükdirilendir.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek üçin oba hojalyk önümlerini öndürijilerini maliýe taýdan goldamak, oba hojalygyna innowasiýalary, döwrebap tilsimatlary we öňdebaryjy usullary ornaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek hem-de ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara eksportynyň möçberini artdyrmak maksady bilen, häzirki wagtda bankymyz tarapyndan ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijileriniň hem-de kiçi we orta telekeçileriniň önümçilik maksatly maýa goýum taslamalaryny Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary esasynda merkezleşdirilen serişdeleriň hasabyna ýeňillikli şertlerde hem-de bankyň we çekilen serişdeleriň hasabyna karzlaşdyrmak işleri yzygiderli dowam etdirilýär.

Ýurdumyzyň oba hojalygynda alnyp barylýan özgertmeleriň çäklerinde oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, içerki bazarda azyk bolçulygyny döretmek we ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak bilen bagly maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmak, önüm öndürijilere ýerine ýetirilýän bank hyzmatlaryny has-da ösdürmek ýaly durmuş ähmiýetli işler ýokary işjeňlik bilen alnyp barylýar.




Ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň halkymyza hödürleýän hyzmatlary barha kämilleşdirilýär. Şu maksat bilen bank tarapyndan goýumlaryň «Gadamy beýik gahryman», «Talap edilýänçä», «Gojalara hemaýat», «Galkynan daýhan», «Möhletli», «Ruhubelent nesiller», «Rowaçlyk» we «Goýum bank karty» ýaly görnüşleri müşderilere hödürlenilýär. Şeýle hem «Talyp karzy», «Toý karzy», «Owerdraft» sarp ediş maksatly we ýaş maşgalalara öý goşlaryny satyn almak üçin karzlar berilýär. Bank tarapyndan müşderilere sanly ulgamda hödürlenilýän «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» we «Menzilara bank» hyzmatlary, «Meleguş» pul geçirimi, şeýle hem «Cash back» hyzmaty hem bellärliklidir.

Häzirki wagtda sarp ediş maksatly we ýaş maşgalalara öý goşlaryny satyn almak üçin berilýän karzlary «Menzilara bank» hyzmatynyň üsti bilen onlaýn görnüşinde resmileşdirmek ýola goýuldy. Şeýle hem «Menzilara bank» hyzmatynyň üsti bilen daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň «VISA» we «MasterCard» halkara bank kartlaryny onlaýn görnüşde doldurmaga mümkinçilik döredildi. Bulardan başga-da, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek hem-de «Goýum bank karty» we kärendeçileriň «Altyn asyr» bank kartlaryny saklaýjy müşderilerine amatly şertleri döretmek maksady bilen, töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşinde geçirilen tölegler boýunça 2% möçberli «Cash back» höweslendiji hyzmatyny yzygiderli ýerine ýetirýär.

Ýurdumyzyň daşary ýurt döwletleri bilen hyzmatdaşlyk etmeginde taýsyz tagallalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaç alsyn!

**Batyr BAÝMYRADOW,**
*Arkadag şäheriniň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş bölüminiň başlygy.*

# HALKARA HYZMATDAŞLYGYNDA ZENANLARYŇ ORNY

Ýurdumyzda Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we umumy kabul edilen halkara kadalara laýyklykda erkekler hem-de zenanlar üçin deň mümkinçilikleri döretmek hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenendir. Hut şoňa görä-de, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatda Gün tertibiniň möhüm bölegi bolup durýan gender deňligi boýunça daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup çykyş edýär.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde geçirilen mowzuklaýyn forumlar barada aýdylanda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlygynyň ähli möhüm ugurlary, şol sanda gender syýasatyny hem öz içine alýandygyny bellemek gerek. Awazada geçirilen forumyň maksatnamasyna zenan ýolbaşçylaryň duşuşygynyň girizilmegi hem tötänleýin däldir. Çünki zenanlaryň öň hatarda bolmagy häzirki döwrüň ählumumy, şol sanda deňze çykalgasy bolma-



dyk ösüp barýan döwletleriň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerini çözmegiň möhüm şertidir. Forumda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan ägirt uly durmuş-ykdysady özgertmeler maksatnamalaryny ýerine ýetirmekde zenanlaryň uly orun eýeleýändigine aýratyn üns çekildi. Şunuň bilen birlikde, zenanlaryň yhlasly işleri, täze pikirleri bilen howanyň üýtgemegi ýaly ählumumy wehimlere garşy göreşmekde, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer ösüş, saglygy goraýyş, bilim baradaky möhüm meseleleriň çözülmegine uly goşant goşýandyklary bellenildi.

Ýurdumyzda zenanlaryň mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Häzirki döwürde amala aşyrylýan giň gerimli işlere işjeň gatnaşýan gelin-gyzlaryň müňlerçesini özünde jemleýän Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän özgertmeleri ilerletmekde iri düzümleriň biri bolup çykyş edýär. Türkmen jemgyýetiniň möhüm bölegini düzýän zenanlar häzirki wagtda döwlet dolandyryşynyň dürli düzümlerinde – kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji edaralarda işlemek, daşary syýasy işlere gatnaşmak we telekeçilik bilen meşgullanmak arkaly Watanymyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmaga gönükdirilen giň gerimli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine uly goşant goşýarlar. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda raýatlarymyzyň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagy, maşgalanyň goldanylmagy, eneligiň, çagalygyň goraglylygy boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Döwletimiz tarapyndan gelin-gyzlara dürli ýeňillikler berilýär, zenanlaryň mynasyp durmuşda ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi ugrunda ähli zerur şertler döredilýär, kanunçylyk esasynda gender deňligi üpjün edilýär. Şunuň bilen baglylykda, «Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň hereket edýändigini bellemek gerek. Bu ugurdaky anyk tagallalara halkara bileleşik tarapyndan ýokary baha berilýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň



baştutanlygynda gender deňligini üpjün etmek, ýurdumyzda demokratik ýörelgeleri mundan beýläk-de berkitmek boýunça alnyp barylýan giň gerimli işleriň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändiginiň ýene-de bir güwäsine öwrüldi.

Türkmenistanyň gender deňligi ulgamynda Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy barada aýdylanda, BMG-niň bu ugurdaky strategiýasynyň köpýyllyk tejribä esaslanýandygyny, «Ösüşiň maksady hökmünde gender deňligi» başlangyjynda zenanlaryň eýeleýän ornuny gowulandyrmagyň ýollaryny agtarmagy maksat edinýändigini nygtamak möhümdir. Häzirki döwürde Milletler Bileleşiginiň ähli tagallalary Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilendir. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibinde gender deňligi durnukly ösüşiň möhüm şerti hökmünde guramanyň ähli edaralarynyň işine girizildi. Şolaryň esaslarynyň hatarynda BMG-niň Gender deňligi meseleleri we zenanlaryň hukuklaryny hem-de mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça edarasyny (BMG – Zenanlar) görkezmek bolar. Bu düzüm ýerli, milli we sebit derejesinde zenanlaryň mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdirilen «Zenanlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» başlangyjy boýunça olaryň dawa-jenjelleriň öňüni almak, parahatçylygy ilerletmek işine gatnaşmagyny goldaýar.

Türkmenistanyň gender syýasaty ulgamynda anyk maksatlara gönükdirilen wezipeleri çözmäge jogapkärçilikli çemeleşýändigini bellemek gerek. Munuň özi bu ugurda umumy kabul edilen standartlary geljekde hem ilerletmekde oňyn netijeleriň gazanylmagyna ýardam berýär. Bitarap Türkmenistan dünýä ýurtlary we iri halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG-niň gender deňligini ilerletmek we zenanlaryň hukuklaryny hem-de mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça ýöriteleşdirilen edaralary bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär.

**Ogulsona BOPPYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 12-nji çagalar bakjabagynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji.*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE YNSAN SAGLYGY BARADA

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligi türkmen halkynyň milli buýsanjyna öwrüldi. Onuň many-mazmundan ýüki ýetik, duýgy, hyjuw babatynda joşguny ýetik şygyr dünýäsi bilen tanşanyňda, şahyryň ähli zadyň gözbaşynda adam saglygyny goýýandygyna göz ýetirmek bolýar. Şu ýerde şahyryň eserlerine ýüzlenmezden öň, Gahryman Arkadagymyzyň Magtymguly Pyragynyň döredijiligine beren ýokary bahasy bilen başlamagy makul bildik: «Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmanydyr. Şahyryň şygyrlarynyň döwürler dolanyp, heňňamlar öwrülse-de, öz gymmatyny ýitirmän, eýsem, gadyrynyň artmagy ondaky öwüt-ündewleriň kalbyňa melhem bolup siňýänligindendir, göwünleri ganatlandyrmagyndandyr, adamlary heýjana getirmegindendir. Onuň şygyrlary ynjan ýüreklere em, argyn bedenlere kuwwat, sussupese ruhy ganatdyr. Hut şonuň üçin hem, halkymyz Magtymgulyny agyran-ynjan, aljyran, gussa batan gününde dertlerden gutarjak lukman tutunypdyr. Şahyryň melhem şygyrlary, tenekar sözleri her döwürde ulynyň-kiçiniň ruhuny tämizläp, bu owadan dünýä adamzada, durmuşa söýgi döredipdir, halkyň göwnüni belende galdyryp, tutuş türkmen jemgyýetiniň ruhy sagdynlygyny üpjün edip gelipdir».

Hakykatdan hem, Magtymgulynyň şygyrlary dagdan çogup çykan çeşmäniň suwy kimin jana şypalydyr. Ol şygyrlar edil säheriň howasy ýaly tämizdir. Olar läle-reýhanly, gül-gülälekli bag-bossanyň hoştap ysy kimin burk urup, ynsanyň janyna hoşluk çaýýar. Bedeniňi bogun-bogun söküp, ýüreklere giňlik berýän dutaryň şirin sazy bolup, heýjana getirýär. Mahlasy, Magtymgulynyň şygyrlary ynsan saglygyna zerur bolan ähli gowy närseleri özünde jemlän jana şypa beriji ruhy melhemdir.

Geçen ýyl doglan gününiň 300 ýyllygy uly dabara bilen bellenilen akyldar şahyrymyz taryhyň örän kyn, çylşyrymly döwründe ýaşandygyna garamazdan, şygyrlary arkaly türkmen halkyny agzybirlige, bir döwletlilige, bir başa bakmaklyga çagyrypdyr. Şeýle hem dünýä akyl ýetirmek, yşky-söýgi, adyllyga, halallyga ýugrulan şygyrlar bilen birlikde ynsan saglygyndan söz açýan goşgularyň ençemesini döredipdir. Bu tema, bu ideýa şahyryň döredijiliginde uly orun tutýar. «Ölmezden burun» goşgusynda «Saglygyň gadryny bilgil, hassa bolmazdan burun» diýip ündese, «Myhmanydyr» goşgusynda «Dertdir bu janyň zilleti, saglyk onuň soltanydyr» diýýär. Şahyr saglyga zyýan beriji nogsanlyklary ýazgarýan «Çilim», «Çilim çekmegil», «Munda çilimkeş», «Nas atan», «Naskeş» ýaly goşgulary döredipdir. Ol goşgular ynsan saglygy babatda gymmatly ruhy melhemdir. Meselem, şahyr «Kuwwatyň kemelder, güýjüň az durar, keýpi kellä gelse, aklyň azdyrar» diýen setirlerinde çilimiň, nasyň adamyň süňňüne, aňyna ýetirýän zyýanyny sada dilde düşündirýär.



Şahyr «Mal ýagşy» goşgusynda:

***Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy,***
***Agşam ýatyp, ertir şükrün kyl ýagşy.***

ýa-da

«Gülen barmy?» atly goşgusynda:

***Hassa bolmaýyn, saglygyň***
***Ganymatyn bilen barmy?***

Şular ýaly ynsan saglygyndan söz açyp, akgynly okalýan setirlere şygyr saýyn gabat gelmek bolýar. Şahyr «Är ýanynda bellidir» atly goşgusynda: «Görer gözüň gymmaty, kör ýanynda bellidir» diýse, «Göze myhmandyr» atly başga bir goşgusyndan şeýle setirleri okamak bolýar:

***Gara daşdan gara gyly saýlan göz,***
***Çöňňeler görejiň, göze myhmandyr.***

Türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragy özüniň «Don gerek» atly şygrynda:

***Ýatsaň düşekde bimar,***
***Yssyg etmez mal-u kär,***
***Zer dökseň harwar-harwar,***
***Göze ilmez, jan gerek –***

diýmek bilen, adam üçin jan saglygyndan başga gymmatly zadyň ýoklugyndan, ony hiç bir baýlyk bilen satyn alyp bolmaýanlygyndan söz açýar. Jan saglygy barada ozalyndan her bir adamyň özüniň alada etmeginiň zerurlygy ündelýär.

Magtymgulynyň edebi mirasy bu günki gün hem halkyň ruhy dünýäsiniň gözelleşmeginde, ýaş nesli döwrebap watançylyk ruhunda terbiýelemekde, şonuň ýaly-da ynsan saglygy ugrunda amala aşyrylýan işlerde altyn hazyna bolup hyzmat edýär. Ruhy lukmanymyzyň «Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil» (Gezemek bilen), «Bu dünýäde hemme bäş gün myhmandyr» (Mal ýagşy), «Saglyga ýokdur ygtybar, tut mysal, myhman eglenmez» (Jan eglenmez) diýen dürdäne setirlerem biziň ýokarda aýdanlarymyza güwä geçip biljek ündew-nesihatlarydyr. Şonuň üçin hem şahyryň ajaýyp şygryýet dünýäsi biziň geljekki bagtly günlerimiziň binýady bolar. Ýyllar aýlanyp, günler dolandygyça, ol bize has beýik, mukaddes, ýakyn hem eziz bolup görünýär.

Adamlaryň saglygy häzirki wagtda-da ýurdumyzda öňe sürülýän iň bir wajyp meseleleriň biridir. Şonuň üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkyň saglygy, geljekki nesliň ertirki günlerde-de eşretli durmuşda ýaşamagy bilen bagly amala aşyrýan möhüm, maksatnamalaýyn döwlet ähmiýetli işleri hut adamlaryň saglygyna gönükdirilendir. Olaryň tagallasy bilen häzirki döwürde ynsan saglygynyň goragy adam ömrüniň goraglylygy bilen utgaşyklylykda alnyp barylýar.

Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek uzak ýaşamagyň, keselleriň öňüni almagyň girewidir. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän sport desgalarynyň, şypahanalaryň, sagaldyş-dynç alyş merkezleriniň halkyň hyzmatynda bolmagy, şonuň ýaly-da Bütindünýä saglyk güni mynasybetli köpçülikleýin welosiped sürmek däbiniň ýola goýulmagy raýatlarymyzyň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýerip ýaşamagy üçin edilýän tagallalaryň subutnamasydyr. Elbetde, saglyk bolsa beglik bolar, adamyň durmuşy gözelleşer, keýpi kökeler, onuň ýaşaýşa bolan ynamy, güýji-kuwwaty artar, ruhy täzelener. Mahlasy, Magtymguly atamyzyň öz şygyrlarynda beýan edişi ýaly, «jany saga mydam söhbet-saz görner».

**Goçy ANNASÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň alym kätibi, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, ýazyjy.*

# ZENAN BEZEG ŞAÝLARY

Türkmen halkynyň medeni mirasynyň naýbaşy görnüşleriniň biri-de gadymdan gözbaşly zergärçilik önümleri bolan zenan bezeg şaýlarydyr. Senetkär ussalar bezeg şaýlaryny ýasanlarynda ony dakynjak zenanyň ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutupdyrlar. Ýagny ýaş gyzlaryň tahýalaryna alynşaý, gupba, çekelik, ýeňselik, şakäkil, sümsüle, akdyrma, teneçir ýaly bezeg şaýlary ýasalan bolsa, ýaş gelinleriň we orta ýaşly zenanlaryň başlaryny maňlaýlyklaryň görnüşleri öwürme, ildirgiç, egme hem-de ýaşmakujy ýaly onlarça şaýlar bilen bezäpdirler.

Zergärleriň döreden başgaplara dakylýan bezeg şaýlary öz arasynda örän köp görnüşlidir. Olaryň her biriniň özüniň dakylyş aýratynlygy bolup, başgaplary has-da gözel görnüşe getiripdir.

Maňlaýlyk şaý-bezegleri sap kümüşden ýa-da kümüşe altyn çaýylyp ýasalýar, oňa halkyk, dürli çüýşe gaşlar oturdylyp bezelýär. Şaýlaryň ýüzi «geometrik», «islimi», «nerrek», şonuň ýaly hem haýwanat dünýäsi bilen baglanyşykly bolan «goçak», «hüwi» nagyşlary bilen haşamlanýar.



Maňlaýlyk maňlaýa dakylýan şaýlaryň umumy adyny aňladýan düşünjäni öz içine almak bilen birlikde özbaşyna aýratyn şaýyň ady bolup hem gelýär. Olar ýaş gelinleriň we uly ýaşly zenanlaryň börüginiň, topbysynyň öňüne dakylýan şelpeli we şelpesiz görnüşde ýasalýan bezeg şaý-sepidir. Şelpeli maňlaýlyklary ýaş gelinler, şelpesiz maňlaýlyklary bolsa orta ýaşan zenanlar dakynypdyr. Onuň kerpiçli maňlaýlyk, ildirgiçli maňlaýlyk, şelpeli maňlaýlyk ýaly görnüşleri hem bar.

Öwürme maňlaýlygyň beýleki maňlaýlyklardan tapawudy beýik we adyndan belli bolşy ýaly öwrülip durýar. Ol halkalar arkaly biri-birine birleşdirilen süýnmek gaşly plastinkalaryň hataryndan ybarat bolup, ýüzüne «golçurly goçak», «goçak», «çigildem», «alma çigidi» ýaly nagyşlar haşamlanan görnüşde ýasalypdyr.

Ildirgiçler dürli ulylykdaky we dürli şekilli birnäçe ýüzi haşamly plastinkalaryň toplumyndan düzülip, iki gapdalynda üçburçluk görnüşli iki sany uly ildirgiçli plastinka bolýar, olaryň arasynda dürli hili şekil berlip ýasalan kiçiräk plastinkalar gulplaryň, halkajyklaryň kömegi bilen biri-birine birnäçe hatar birikdirilipdir we aşak etegine şelpeler dakylypdyr. Şelpeleriň iki gapdaly birnäçe hatarly bolup, merkezdäkiden az-azdan uzalyp gidýär. Şelpeleriň ujy içi boş «peýkam» görnüşli plastinkalar bilen gutarýar.

Ýaş gyz-gelinleriň tahýadyr, börükleriniň maňlaýyna dakylýan şelpeli maňlaý şaýlaryň biri sümsüläniň ýerligi sap kümüşden ýasalypdyr. Ol birmeňzeş süýnmegräk, ýüzi ösümlik dünýäsinden alnan «gül», «ýaprak» nagyşly bezelen, güberçeklije, ikiýan ujy gulply şaýlaryň iki, üç setir edilip zynjyra düzülen düzümi sümsüläniň esasyny emele getirýär. Onuň aşaky setirindäki zynjyrynyň aşagyndan bir hatar gysga we bir hatar uzyn zynjyrjykly, pişme görnüşli şelpeler asylýar. Ýokarky uzyn setiriň ortasynda we iki gyrasynda goçbuýnuz şekilli, ýüzi halkyk gaşly bezegi bolýar. Käbir sümsüleleriň iki çetinde uzyn zynjyrly düwmeleri bolup, çekgeden örüm saçyň we iki gulagyň üstünden aşaklygyna sallanyşyp durýar. Gyzlar sümsüläni gupba bilen dakynsalar, gelinler bu şaýy börükleriniň maňlaýyna dakýarlar. Sümsüle şaýy, esasan hem, demirgazykly zenanlara mahsusdyr.

Akdyrma uly gyzlaryň tahýasynyň aşak etegine aýlaw görnüşinde tutulýan, zynjyra düzülen pişme ýa-da naýza görnüşli şelpeleriň toplumydyr. Onuň maňlaýa düşýän pişme görnüşli ýa-da güberçek şelpeleri birsydyrgyn, deň bolup, çekge şelpeleri maňlaý şelpelerine garanda uzyn bolýar. Bu şaýy, esasan, günorta Türkmenistanda ýaşaýan gyz-gelinler dakynypdyrlar.

Kebelek maňlaýlygy hem zenanlaryň maňlaý şaýlaryna degişlidir. Ol, esasan, gartaşan eneleriň alyn şaýydyr. Beýleki maňlaý şaýlaryna garanyňda, bu şaýyň daşky görnüşi has tapawutly, ony düzýän düzüm bölekleri bolsa sadadan nepis edilendir. Şaýyň esasyny kebelek şekilli kümüş bölejikleri düzýär. Ortada uly göwrümli kebelek şekili bolup iki gapdalynda kiçi kebelek şekiljikleri özara tershalkalar, zynjyrlar arkaly baglanyşdyrylýar. Her kebelek şekiliniň ýüzünde birnäçe halkyk we pöwrize gaşlary oturdylypdyr.

Zenanlaryň börügine dakylýan egme uly göwrümli bezeg şaýlaryň hataryna girýär. Ol yzyna çalaja ýaý berip duran, ýasy bir bitewi kümüş bölek görnüşinde bolup, börügiň öňüni bütinligine tutup durýar. Bezeginde ýüzüne gönüburçly görnüşli «çybyk» nagşy birnäçe aýlaw edilip, merkezine halkyk gaşlaryň bir hatary oturdylýar. Şeýle hem egmäniň ýokarky we gapdal gyralary «hü-



wi», gönüburçly simleriniň arasy «nerrek», merkezdäki gaşlaryň töweregine «islimi» nagyşlary haşamlanýar. Şaýyň beýikligi börügiň beýikligine görä bolup, kähalatda 20-25 santimetre çenli barýar. Egmäniň ýüzündäki aýlaw simleriniň sanyna görä, alty simli egme, on iki simli egme ýaly görnüşleri bolup, ýüzündäki aýlaw simleriň sany näçe köp bolsa, şonça hem agyr, görnükli, salyhatly, gymmatly şaý-sep diýlip hasaplanypdyr.

Milli äheňdäki bu bezeg şaýlaryň her biri özüniň özboluşly ýasalyş aýratynlygy, nagyşlarynyň örän täsinligi we gaýtalanmaýanlygy bilen tapawutlanýar. Döwrüň ösmegi bilen ýylsaýyn kämilleşýän zergärçilik sungatynyň şu günlerinde döwrebap bezeg şaýlarynyň ýasalýandygyna garamazdan, şol bir wagtyň özünde milli bezeg şaýlarynyň gadymy asyl nusgalaryna bolan isleg hem öz gymmatyny gaçyrman gelýär.

**Akbike JUMAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň esasy hünärmeni.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Täze Prezident wezipesine girişdi.** Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýonyň wezipä bellenmek dabarasy Seuldaky taryhy Kwanhwamun meýdanynda geçirildi. Bu çärä halkyň 80 wekili, öňki Prezident Mun Çže In we maşgalasy, parlamentiň agzalary, konstitusiýa edaralarynyň ýolbaşçylary, özüni dolandyrýan edaralaryň, dini bileleşikleriň, ýurduň esasy guramalarynyň, kärdeşler arkalaşyklarynyň wekilleri gatnaşdy.



**Ikinji tapgyra çykdylar.** 17-nji awgustda Boliwiýada geçirilen Prezident saýlawlarynda senator Rodrigo Pas Pereýra we ýurduň öňki Prezidenti Horhe Kiroga (2001-2002-nji ýyllarda) ikinji tapgyra çykdylar. «Hristian-demokratik partiýasy 32%, «Erkinlik we Demokratiýa» partiýasy 27%, «Agzybirlik» partiýasy 20% ses aldy» diýip, Ýokary saýlaw kazyýetiniň wekili sesler doly sanalandan soň metbugat üçin ýygnakda aýtdy.



**Ýaponiýanyň ilaty azalýar.** Diňe ýapon raýatlaryny öz içine alýan Ýaponiýanyň ilaty 2024-nji ýylda 908 müň 574 adam azaldy we 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda 120 million 65 müňe düşdi. Ýaponiýanyň ilaty 16 ýyl bäri azalýar. Häzirki azalma hökümet 1968-nji ýylda şeýle maglumatlary ýöredip başlandan soň iň ýokary görkezijidir. 2009-njy ýyldaky iň ýokary derejä garanyňda, ilatyň umumy azalmagy 6,42 million adamdan geçdi.



**3 müň ýyllyk gapyrjak.** Arheologlar Eýranyň Demirgazyk Horasan welaýatynyň Çaloudepe diýen ýerinde gazuw-agtaryş işlerini geçirýän wagty ýaşy 3 müň ýyla barabar bolan daşdan ýasalan gapyrjagy tapdylar. Ýüzünde ýylanyň we içýanyň şekili bolan gara daşdan ýasalan bu gapyrjak kosmetika ýa-da göze sürme çalmak üçin ulanylan gara mineraly salmak üçin gap hökmünde ulanylan bolmagy mümkin.



**Uly göwher ýatagy tapyldy.** Angolada soňky 30 ýylda ilkinji gezek täze uly göwher ýatagy tapyldy. Bu barada döwlet eýeçiligindäki «Endiama» kompaniýasy bilen bilelikde ýatagy ýüze çykaran «De Beers» topary habar berdi. Magdan Lunda Sul welaýatynda ýerleşýär. Maglumatlara görä, Lunda welaýaty göwher öndürýän täze welaýat bolup biler. Ýatak kosmosdan alnan suratlary seljermek arkaly ýüze çykaryldy.



**«Kodak» işini togtatmakçy.** 133 ýyldan gowrak wagt bäri işläp gelýän «Eastman Kodak» kompaniýasy öz işini bes edýändigi barada maýadarlara habar berdi. Surat materiallaryny öndürijiniň soňky hasabatynda, takmynan, 500 million dollar karzy üzmek üçin kepillendirilen serişdäniň ýokdugy aýdylýar. 1970-nji ýyllarda fotoplýonkalaryň satuwynyň 90 göterimini we ABŞ-da fotoenjamlaryň satuwynyň 85 göterimini «Kodak» kompaniýasy eýeläpdi.



**Gazet satyjysy sylaglandy.** Golaýda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron ýurtda iň soňky köçe gazet satyjysy bolan 72 ýaşly Ali Akbara Hormat ordenini gowşurmak baradaky karara gol çekdi. Prezident Makron talyp wagty ondan gazet satyn alypdyr. Ol internet peýda bolmazdan ozal, ilkinji sagatda 80 gazet satýan eken. Indi bolsa, günüň dowamynda bary-ýogy 30 gazet satýar. Pakistanda doglan Akbar 1972-nji ýylda Pariže gelip, gazet satyjysy bolup işe başlapdyr.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1909-njy ýylyň 22-nji awgustynda Fransiýanyň Reýms şäherinde bir hepdeläp dowam eden awiasergi başlanýar. «Şampanda awiasiýanyň beýik hepdeligi» atly bu çäräniň çäklerinde şol döwrüň iň gowy awiatorlarynyň arasynda ýaryş geçirilýär. Ilkinji gezek geçirilen sergä gatnaşan 38 aeroplandan 23-si uçup başarýar. Serginiň çäklerinde fransuz uçarmany Anri Farman 180 kilometr aralygy geçip, iň uzak uçuş boýunça dünýä rekordyny goýýar.**



# PUTIN BILEN TRAMP ALÝASKADA DUŞUŞDYLAR

15-nji awgustda ABŞ-nyň Alýaska ştatynyň Ankorij şäherinde Russiýanyň we ABŞ-nyň Prezidentleri Wladimir Putin bilen Donald Trampyň arasynda duşuşyk geçirildi. Gepleşikleriň esasy temasy halkara ýagdaýy boldy. Taraplar duşuşygyň netijelerine oňyn baha berdiler. Amerikan lideriniň pikiriçe, bu duşuşyk ägirt uly ösüşlere we köp meselelerde ylalaşmaga mümkinçilik berdi.

Gepleşiklere Putiniň we Trampyň ýany bilen gelen wekiliýetleriň agzalary hem gatnaşdy. Russiýa tarapyndan daşary işler ministri Sergeý Lawrow, Prezidentiň kömekçisi Ýuriý Uşakow, amerikan tarapyndan bolsa, döwlet sekretary Marko Rubio we ABŞ-nyň Prezidentiniň ýörite wekili Stiwen Witkoff dagy gatnaşdylar. Russiýanyň we ABŞ-nyň Prezidentleriniň arasyndaky gepleşikler üç sagat töweregi dowam




etdi we iki lideriň arasyndaky gepleşik iki ýurduň gatnaşyklarynyň taryhynda iň uzyny boldy. «Üç-üç» formatda guralan maslahatdan soň, döwlet Baştutanlary metbugat üçin beýanat berdiler. Turuwbaşdan iki lideriň hem bu duşuşyga oňyn baha berendigi belli boldy.

– Biziň gepleşiklerimiz özara hormat we konstruktiw ýagdaýda geçdi. Olar örän içgin we peýdaly boldy. Bu ýerde duşuşmagyň özboluşly manysy bar, çünki ýurtlarymyz ummanlar bilen bölünen hem bolsa ýakyn goňşular – diýip, Russiýanyň Prezidenti belledi.

– Bu gün, hakykatdan hem, uly ösüş gazandyk, Prezident Putin bilen örän gowy gatnaşyklarymyz bar – diýip, amerikan lideri hem öz gezeginde belledi.

ABŞ-nyň Prezidenti öz gezeginde, Putini ýakyn wagtda ýene-de görmäge umyt edýändigini, şeýle hem ABŞ bilen Russiýanyň dürli ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek üçin gowy mümkinçilikleriniň bardygyny belledi.

Şeýle hem 18-nji awgustda Prezident Donald Tramp Waşingtonda Wladimir Zelenskiý we Ýewropa ýurtlarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyk geçirdi. Myhmanlaryň arasynda Germaniýanyň Kansleri Fridrih Mers, Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Kir Starmer, Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni, Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron we Finlýandiýanyň Prezidenti Aleksandr Stubb, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen we NATO-nyň Baş sekretary Mark Rýutte bar.

# ILATY 1 MILLIONDAN GEÇÝÄN ŞÄHERLER

**Dünýä gitdigiçe şäherleşýär, şäherlerde öňküden-de has köp adam ýaşaýar. Täze maglumatda ilaty 1 milliondan köp bolan dünýäniň ähli şäherleri ýurtlar boýunça kategoriýalara bölünýär. Maglumatlar uly şäherlere däl-de, gür ilatly şäherlere gönükdirilýär.**

**Hytaý ilaty 1 milliondan geçýän 130 töweregi şäheri bilen dünýäde birinji orunda durýar. Bu soňky dört onýyllygyň dowamynda yzygiderli ykdysady ösüşi we şäher ösüşini görkezýär.**

**Iň uly şäherlere Şanhaý (21,9 million), Pekin (19 million) we Şençžen (17,4 million) degişlidir. Foşan, Usi we Sýučžou ýaly az tanalýan şäherler hem ilatyň gürlügine möhüm goşant goşýarlar.**

**Hindistanda we Afrikada şäherleriň örän çalt ösýändigi bellenilýär. Hindistanda Deli, Bangalor we Haýdarabat ýaly ilaty milliondan geçýän onlarça şäher bar.**




**Afrikada Lagos, Kinşasa we Naýrobi ýaly şäherler çaga doglusynyň ýokary bolmagy we ilatyň obadan şäherlere göçmegi bilen bagly çalt ösýär.**



# Dünýäniň innowasiýa şäherleriniň biri

**«Bloomberg Philanthropies 2025 Mayors Challenge» bäsleşiginde Wengriýanyň paýtagty Budapeşt ilkinji gezek «innowasiýa şäheri» kategoriýasynda finalçylaryň 50-siniň hataryna girdi. Bu barada şäher häkimligi habar berdi. Şäherler 50 müň amerikan dollary möçberinde grant almak maksady bilen 630 dalaşgäriň arasyndan öňe saýlandy.**

**Budapeştiň häkimligi şäheriň azyk önümlerini gaýtadan işleýän kärhanasy bilen bilelikde täze taslama hödürledi. Bu başlangyç ýerli bazarlardan galan artykmaç miweleri we gök önümleri doňdurylan önümlere, mürepbelere we duzlanan iýmitlere öwürmäge gönükdirilendir. Bu önümler, esasan, mekdeplerde we garrylar öýlerinde iýmit üçin ulanylýar.**

**Taslama azyk galyndylaryny ep-esli azaldar, çagalar we garrylar üçin iýmitlenişiň hilini ýokarlandyrar, aýlawly ykdysadyýeti goldar we öň onçakly isleg bildirilmedik ýokary hilli önümler üçin bazar döretmek arkaly ýerli öndürijileriň girdejilerini ýokarlandyrar.**

**Budapeştiň şäher häkimligi başlangyjyň aýdyňlygyny, netijeliligini we uzak möhletli durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen ähli üpjünçilik zynjyryny doly utgaşdyrar.**

# 15 million jahankeşde kabul eder

**Gazagystan jahankeşdeleriň sanyny artdyrmaga we Bütindünýä ykdysady forumynyň syýahatçylygy ösdürmek boýunça sanawynda ýokary göterilmäge tagalla edýär. Munuň üçin ýurt 2029-njy ýyla çenli syýahatçylyk girdejisini 10 milliard ýewro çenli artdyrmagy we ýylda 15 million syýahatçy kabul etmegi meýilleşdirýär.**

**«Gazagystanyň hökümeti infrastrukturany ösdürýär, demir ýol ulgamlaryny giňeldýär we sanly çözgütleri ornaşdyrýar. Emeli aňa daýanýan täze programma bronlap goýmagy we nawigasiýa işini ýönekeýleşdirýär. Baýkonur ýaly özboluşly syýahatçylyk ugurlarynyň ösdürilmegi myhmanhanalaryň we çagalar dynç alyş merkezleriniň döredilmegini öz**



**içine alýar» diýlip, beýanatda bellenilýär.**

**Täze howa menzili hem öz gezeginde, Katon-Karagaý ýoluna girişi üpjün eder we serhet gözegçiligi bilen döwrebaplaşdyrylan demir ýol Merkezi Aziýa ýurtlaryna syýahat etmegi aňsatlaşdyrar.**

# Inga Ruginene Premýer-ministrlige hödürlendi

Litwanyň Prezidenti Gitanas Nauseda Respublikanyň Premýer-ministri wezipesine sosial-demokrat Inga Rugineneni hödürlemek baradaky karara gol çekdi. Bu barada Litwanyň metbugaty Prezidentiň diwanyna salgylanyp habar berdi.

Habarda döwlet Baştutany tarapyndan Ruginenäniň dalaşgärligi Seýmiň garamagyna hödürlenenden soň, gutarnykly tassyklanjakdygy bellenilýär. Indi parlamentiň agzalary täze Premýer-ministriň dalaşgärligi barada bir hepdeden köp gijä galman gutarnykly karar kabul etmeli bolarlar. Bu wezipä tassyklanmak üçin Ruginene Seýmiň sesleriniň köplügine eýe bolmaly. 4-nji awgustda Gitanas Nauseda Hökümetiň hem-de Premýer-ministr Gintautas Paluskasyň işinden çekilýändigi barada karara gol çekdi.



Litwa Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän ýurt. Ilaty 2 million 866 müňden gowrak. Baltika deňzine çykalgasy bolan bu ýurt Latwiýa, Belarus, Polşa we Russiýanyň Kaliningrad sebiti bilen serhetleşýär. Paýtagty Wilnýus. Şeýle hem Litwa 2004-nji ýyldan bäri Ýewropa Bileleşiginiň agzasydyr.

# Iň uly merjen rifi rekord derejede azaldy

Geçen bir ýylyň içinde Ýuwaş ummanynda, Awstraliýanyň kenarlaryndaky Uly barýer rifiniň esasy üç ýerinden ikisi merjenleriň iň köp azalmagyna sezewar boldy. Bu barada Awstraliýanyň deňiz ylymlary institutynyň (AIMS) alymlary habar berýär.

Hünärmenleriň bellemegine görä, soňky bir ýylda suw astyndaky gaýalar özüniň merjen örtüginiň üçden birini ýitirdi. Bu 40 ýyldan bäri dowam edýän gözegçilikleriň başyndan bäri iň uly görkezijidir.

Munuň sebäbi merjenleriň köpçülikleýin reňkini ýitirmegidir: merjen gaýalarynyň köp ýerleri ýokary temperatura sebäpli agardy, bu bolsa ýok bolmak howpuny döredýär.

Alymlar indi Uly barýer rifiniň



ýagdaýyna uzak ýyllardan bäri ýakyndan gözegçilik edýärler. Hünärmenler soňky 15 ýylda merjenleriň reňkiniň öçmeginiň ýaramaz ýagdaýdygyny bellediler, bu bolsa täsin ekoulgama uly agram düşýändigine şaýatlyk edýär.

Hususan-da, 2016-njy ýyldan bäri alymlar merjen gaýalarynyň reňkiniň öçmeginiň bäş tapgyryny hasaba aldylar. Uly barýer rifi 2900-den gowrak aýratyn merjen toparlaryndan ybarat dünýäniň iň uly merjen gaýasydyr. Merjen koloniýalary Awstraliýanyň demirgazyk-gündogar kenaryndan 2400 kilometre çenli uzap, takmynan, 344 müň inedördül kilometre barabardyr. Uly barýer rifi 1981-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

# Wodorod energiýa ulgamy döredildi

Içerki Mongoliýa awtonom sebitiniň günorta böleginde, Pekiniň golaýynda ýerleşýän Ordos şäherinde diňe wodorod bilen işleýän 30 megawat kuwwatly turbinanyň gurluşygyna badalga berildi. Bu desga wodorodda işleýän dünýäniň iň uly özbaşdak energiýa ulgamynyň bir bölegine öwrüler.

Turbinanyň esasy aýratynlygy şeýle gerimdäki taslamada tebigy gaz goşulmazdan, diňe wodorodyň ulanylmagydyr. Maglumatlara görä, bu taslama ýelden we Günden alynýan energiýany, wodorod saklaýan ulgamlary, şeýle hem elektroliz hem-de ammiak önümçiligini bir topluma birleşdirer.

Täze ulgamyň düzümine turbinadan başga-da, umumy kuwwaty 500 MWt bolan ýel elektrik beketleri, 5 MWt kuwwatly Gün elektrik bekedi, umumy kuwwaty 240 MWt bolan sagatda 4,3 tonna wodorod öndürip bilýän elektrolizatorlar girýär. Wodorod hersiniň kuwwaty 1,875 kub metr bolan 12 sany togalak şekilli ätiýaçlyk çeleginde saklanar. Bu ýerde her ýyl 150 müň tonna ekologiýa taýdan arassa ammiak öndürmek meýilleşdirilýär.

Taslamanyň esasy maksady, «elektrik-wodorod-elektrik» energiýa öwrülişiginiň ýapyk toplumyny döretmekden ybarat. Ol energiýanyň wodoroda öwrülmegine, ony saklamaga we gaýtadan dikeldilýän



energiýa önümçiliginiň pese gaçýan döwürlerinde elektrik energiýasyny öndürmek üçin ulanylmagyna mümkinçilik berer. Bu çemeleşme, elektrik üpjünçiliginiň durnuklylygyny ýokarlandyrmaga we elektrik ulgamyndaky bökdençlikler bilen bagly meseleleri çözmäge kömek eder diýip, «Naked Science» web saýtynda habar berilýär.

# Hytaýda robot dükany açyldy

**Pekinde adampisint robotlary satýan «Robot Mall» atly dükan açyldy. Ol Hytaýda dürli görnüşli robotlary hödürleýän ilkinji ýöriteleşdirilen dükandyr. Dükanda awtoulaglaryň söwda merkezine meňzeýän sergi zaly, hyzmat merkezi we ätiýaçlyk şaýlary ammary bar.**

**Dükanda interaktiw robot itlerden başlap, gumanoid robotlara çenli 100-den gowrak model hödürlenýär. Olaryň arasynda Albert Eýnşteýne hem meňzeýän modeliň bolmagy ünsi özüne çekýär. Bahalar 2 müňden başlap, birnäçe million ýuana çenli üýtgeýär.**

**Tematiki restoranyň gapdalynda ýerleşýän dükana gelýänlere robot ofisiant hyzmat edýär hem-de bu ýerdäki naharlar awtomat aşpezler tarapyndan taýýarlanýar.**



# ÇAGA DOGLUŞYNA GOLDAW BERMEKÇI

**Slowakiýada çaga dogluşynyň derejesini ýokarlandyrmak we ýaş maşgalalara goldaw bermek maksady bilen giň gerimli döwlet maksatnamasyna badalga berildi. Bu başlangyç, çaga dünýä inende maliýe töleglerini, ýaşaýyş jaý subsidiýalaryny we ene-atalar üçin salgyt ýeňilliklerini göz öňünde tutýar.**

**Hökümet meýilnamasyna görä, ilkinji çaganyň dünýä inen her maşgalasy bir gezekde 5 müň ýewro alar diýlip, ýerli metbugatda aýdylýar. Ikinji we ondan soňky çagalaryň dünýä inmegi bilen puluň mukdary köpeler. Şeýle hem ýeňillikli ipoteka karzlary we uzaldylan dekret ýeňillikleri hem girizilýär.**

**Slowakiýanyň Zähmet we durmuş meseleleri ministri bu çäreleriň demografik pese gaçyşy azaltmaga we maşgalalaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin şertleri döretmäge gönükdirilendigini aýtdy. Bu maksatnama bäş ýyl üçin niýetlenip, onuň býujeti 90 million ýewrodan geçýär. Hünärmenleriň pikiriçe, hemmetaraplaýyn goldaw diňe bir demografik ýagdaýy gowulandyrman, eýsem, ilatyň azalýan sebitlerinde ykdysady işjeňligi hem ýokarlandyrar.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄDE MEŞHURLYK GAZANAN 10 TAGAM










***Adamlar dürli sebitlerde ýaşasa-da, iýmitleniş aýratynlyklary dürli-dürli bolsa-da, tagamlaryň käbiri halkara derejesinde uly isleg bildirilýän meşhur iýmitler hasaplanýar. Islendik ýurda syýahata barlanda ýa-da bir ýurda gezelenç etmek meýilleşdirilende şol sebitiň iýmit sanawy, meşhur tagamlary barada içgin gyzyklanylýar. Tagam hakynda gürrüň edilende, has dogrusy, aşhana sungaty barada aýdylanda bolsa italýan, fransuz, hytaý, ýapon, meksikan, hindi naharlary öňdeligi eýeleýär.***

**PIZZA.** Italýan aşhanasynyň naýbaşy tagamy hasaplanýan pizza köpleriň halaýan tiz tagamlarynyň biridir. Ýokary gyzgynlykdaky peçde derrew bişirilýän bu tagamyň 687 görnüşi bar. XIX asyryň başlarynda Italiýanyň Neapol şäherinde oýlanyp tapylan bu iýmit islege görä dürlüçe usulda taýýarlanýar. Adatça, bu tagama peýnir, pomidor, zeýtun, şöhlat ýa-da et goşulýar. Pizza häzirki wagtda dünýäniň ähli restoranlaryndaky tagam sanawynda öňdäki orny eýeleýän iň gowy iýmitleriň biridir. Pizza bişirýän adama (pizza aşpezi) pizzaiolo, kiçijik pizza bolsa pizzetta diýilýär.

**DÖNER.** Dünýäde meşhur tagamlaryň ikinjisi döner bolup, bu tagam türk gastronomiýasyndan gözbaş alýar. Osman imperiýasy döwründe oýlanyp tapylan bu tagamyň taryhy XVII asyrlara degişli bolup, şol wagt döner közüň üstünde keseligine goýlup bişirilipdir. 1850-nji ýyllardan soň ýuka kesilen et bölekleri örülen görnüşde dikligine bişirilip başlanypdyr. Türkiýäniň Bursa şäheri döneriň dörän ýeri hasaplanyp, XX asyryň ahyrynda çalt tagam görnüşinde çöregiň arasyna goýlup köpçülikleýin satylyp ugraýar. 1950-nji ýyllardan soň türkleriň milli tagamynyň meşhurlygy has artyp, dünýäniň dürli ýurtlarynda döner satylýan göçme dükanlar peýda bolup başlaýar. Germaniýada ilkinji döner restorany 1970-nji ýylda Berlinde açylyp, dünýädäki iň gowy döner restorany hasaplanýar.

**GAMBURGER.** Amerikalylaryň her gün iýýän tiz tagamlarynyň biri bolan gamburger çişirilen çöregiň arasyna kotlet, peýnir, salat ýapragy, pomidor we sogan goýlup taýýarlanýar. Gamburgeriň haçan bişirilip başlanandygy barada dürlüçe pikirler bar. Taryhçylar Tehasyň kiçi şäherçeleriniň birinde köçe aşpezi tarapyndan gamburgeriň oýlanyp tapylandygyny belleýärler.

**DIM-SUM.** Hytaý aşhanasy deňiz önümlerine baý meşhur tagamlary bilen tapawutlanýar. Şeýle tagamlaryň biri-de dim-sum bolup, taýýarlamak üçin köp wagt talap edýär. Hytaýlylaryň bu lezzetli tagamy etden, balykdan we balygyň derisine gök önümler salnyp taýýarlanylýar. Balykgulaga meňzeş bu tagam ertirlik we günortanlyk naharynda iýilýär.

**BIRÝANI.** Hindistanda we Pakistanda iň köp iýilýän tagamlaryň biri hem birýani bolup, tüwiniň birýani sortundan taýýarlanylýar. Tüwüsi bilen adygan bu tagama et, towuk eti, balyk, gök otlardyr ys berijiler goşulýar.

**HUMUS.** Nohutdan taýýarlanýan iýmitleriň arasynda humus iň meşhury hasaplanýar. Ýakyn Gündogar ýurtlarynda we türk aşhanasynda giňden taýýarlanylýan bu tagam kä çorba, käte işdäaçar hökmünde iýilýär. Humusa nohut püresi, zeýtun ýagy, owradylan künji, sarymsak, limon suwy we gyzyl burç goşulýar.

**SUŞI.** Ýapon aşhanasynyň iň meşhur tagamy bolan suşi tüwä garylan deňiz önümleriniň daşyna çig balyk dolanyp taýýarlanýar. Ýaponlaryň bu milli tagamy 1980-nji ýyllardan soň bütin dünýäde meşhurlyk gazanyp, köp ýurtda suşi restoranlary açyldy. Häzirki wagtda suşi saşimi we unagi ýaly täzeçe usullarda hem taýýarlanylýar.

**FALAFEL.** Owradylan nohut bilen künjüden myňçgylanyp, tokgalap gowrulýan falafel Ýakyn Gündogar aşhanasynyň iň meşhur tagamlarynyň biridir. Esasan hem, bu iýmiti taýýarlamaga müsür we liwan aşhanalarynda has üns berilýär. «Gowrulan topjagaz» hem diýilýän bu tagama çörek owuntyklarydyr duzlanan gök önümler hem goşulyp, gök otlar bilen bilelikde hödür edilýär. Falafel Dubaýyň köçe tagamlarynyň iň meşhurlarynyň biridir.

**SUWLAKI.** Gresiýanyň paýtagty Afiny şäheri hem syýahatçylara birnäçe lezzetli tagamlary hödürleýär. Şäheriň köçe naharlarynyň biri bolan suwlaki ýurduň iň meşhur tagamlarynyň biri hasaplanýar. Kebap görnüşinde közde bişirilýän bu tagam ýukajyk çöregiň arasyna goýlup, limon, gök otlar, pomidor goýultmasy bilen bilelikde berilýär. Esasan, goýun etinden bişirilýän suwlaki käte sygyr, towuk etinden hem taýýarlanylýar.

**BORŞ.** Gündogar Ýewropada we Demirgazyk Aziýada giňden ýaýran çorbanyň bu görnüşi gyzyl reňki bilen tanalýar. Borş gaýnadylan etiň üstüne kelem, şugundyr, şeýle hem gök önümler (sogan, käşir, kartoşka, pomidor, gök otlar) salnyp taýýarlanylýar. Bu çorbany islege görä diňe gök önümlerden hem taýýarlap bolýar. Şeýle hem käbir ýerde borş balykdyr gök önümler bilen bilelikde hem bişirilýär. Borş taýýar bolandan soň gaýmak, gaýnadylan ýumurtga we kartoşka püresi bilen bilelikde hödür edilýär. Süýjümtik çorba sowuk ýurtlaryň iň meşhur naharlarynyň biri hasaplanýar.

## Bir ýaşa çenli maslahat berilmeýän iýmitler

Lukmanlaryň bellemegine görä, täze dünýä inen bäbekler üçin ene süýdüniň ornuny tutýan iýmit ýok. Bäbegiň ilkinji iýmiti hem ene süýdi bolmaly. Alty aýa çenli çaga ene süýdünden başga iýmit berilmeli däl. Alty aýdan soň bolsa, ýuwaş-ýuwaşdan goşmaça iýmitler berlip başlanýar. Emma çaga goşmaça iýmit berlende, ünsli bolunmaly, iýmit gowy saýlanmaly. Sebäbi käbir iýmit önümleri çaganyň näzik bedeni üçin agyr, ýagny ony siňdirmek kyn bolup bilýär.

Bilermenler çaga bir ýaşyny doldurýança bal, sygyr süýdi we çala bişen ýumurtga berilmeli däldigine ünsi çekýärler. Köp adam bu iýmitleriň hemmeler üçin ýaramlydygyny pikir edip biler. Ýumurtga bäbekleriň ösmegi üçin iň peýdaly iýmitleriň biri hasaplanýar. Bu iýmit ulular üçin hem gymmatly iýmit çeşmesi hasaplanýar. Emma çala bişen ýumurtga çagalarda nähoşluklara sebäp bolup bilýär. Çaga ýumurtganyň agy we sarysy mazaly bişenden soňra berilmeli. Çaga ilkinji gezek islendik iýmit berlende, aýratynlykda hem-de az-azdan berilmeli. Sebäbi käbir iýmitlerde allergik täsirler bolup bilýär.



Gury ir-iýmişleri kiçi ýaşly çaga bermekden saklanmaly. Pisse we hoz ýaly iýmitler püre görnüşinde alty aýdan soňra ünsli ýagdaýda berlip bilner. Şeýle-de bolsa, bu iýmitleriň hem allergiýa döredip biljekdigi unudylmaly däl. Şol sebäpli bu iýmit berlende lukman bilen maslahatlaşylmaly.

Peýnir hem iýmitlilik kuwwaty ýokary, saglyk üçin peýdaly iýmit hasaplanýar. Emma peýniriň düzüminde köp mukdarda duz saklanýar. Peýniriň käbir görnüşinde bolsa, ýag hem bolýar. Bäbeklere peýnir berlende onuň düzümi göz öňünde tutulmaly.

Sygyr süýdüniň düzümindäki protein we mineral maddalar bäbegiň iýmit siňdiriş ulgamyna agram salyp bilýär. Şol sebäpli bäbeklere goşmaça iýmit berlende, ýörite bäbeklere niýetlenen görnüşlerini saýlap almaly. Iýmitiň gabynda onuň haýsy ýaşdaky çagalara niýetlenendigine üns bermeli. Sygyr süýdüni bolsa, 1 ýaşdan soňra bermek maslahat berilýär. Lukmanlar 1 ýaşdan kiçi bäbeklere bal iýdirmegi hem maslahat bermeýärler.

## Witaminlere baý datly miwe

**Şetdalynyň ata Watany Hytaý hasaplanýar. Bägülgüllüler maşgalasyna degişli bu agajyň miwesi tomus we güýz aýlarynda ýetişýär. Ýeke şänikli bu miwäniň daşy tüýli we tüýsüz bolup, ak, sary we gyzyl şetdaly ýaly görnüşlere bölünýär. Soňky ýyllarda bu miwäniň müňlerçe sorty işlenip düzüldi. Şetdaly etli we suwly miwe bolup, birnäçe witamini özünde saklaýar. Şetdaly adam saglygyna peýdalydygy bilen gadym döwürlerden bäri meşhurdyr.**

**Immuniteti güýçlendirýär.** Şetdaly immuniteti berkitmäge ýardam edýän antioksidantlary özünde jemleýär. Düzümindäki C we E witamini bedeniň kesele garşy durujylygyny güýçlendirip, kesellere garşy göreşmäge ýardam edýär.

**Iýmit siňdirişi aňsatlaşdyrýar.** Şetdalynyň düzümindäki A, B3, C witaminleri, foliý turşusy, beta-karotin we kaliý iýmit siňdirişi aňsatlaşdyrýar. Doýgun ýag bolmandygy sebäpli bu miwe aşgazanda gyjynma döretmeýär. Şetdaly içgeçmäni bejermekde peýdaly bolup, iýmit siňdiriş bozulmalarynyň öňüni alýar.



**Ýüregi goraýar.** Ýürek saglygyny goramagyň iň möhüm şertleriniň biri süýüme baý önümleri iýmekdir. Şetdalyda ýeterlik derejede süýüm saklanyp, ýokary gan basyşyna we holesteriniň derejesine oňyn täsir edýär.

**Derini gözelleşdirýär.** C witamine baý bu miwe derini ýokançlyklardan we zyýanly şöhlelerden goraýar. Menekleri we deridäki yzlary aýyrmaga ýardam edýär.

**Görşi güýçlendirýär.** Şetdalyda saklanýan A witamini süňkler we dişler üçin peýdaly bolmak bilen bir hatarda, gijeki görşi hem gowulandyrýar. Bu miwe yzygiderli iýlende görüş bilen bagly kynçylyklary aradan aýryp bolýar.

**Içegeleri işjeňleşdirýär.** Bilermenleriň bellemegine görä, şetdaly süýüme baýdygy sebäpli içegeleri herekete getirýär. Şeýle hem gandaky şekeriň derejesini deňagramly saklamak bilen çalt ajykmagyň öňüni alýar.

**Ganazlygyň öňüni almaga kömek edýär.** Ganazlyk bedendäki gyzyl gan öýjükleriniň öndürilişiniň azalandygyny görkezýän alamat bolup, demir ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Şetdaly ganazlygyň öňüni almakda peýdaly bolup, bedende demriň siňmegini ýokarlandyrýar.

# ÇAGALAR

**Iri şahly mallaryň iň kiçi tohumy punganur bolup, boýy 70-90 santimetre, agramy 115-200 kilograma ýetýär.**

Jek Kenfild,
amerikan ýazyjysy.

## Deňiz ýyldyzy




Bir gezek dostum Gün ýaşyp barýan çagy meksikan kenarlarynyň birinde aýlanyp ýören eken. Birdenem deňziň kenarynda kimdir biriniň sudury peýda bolupdyr. Dostum uzakdan görünýän adama tarap golaýlaşanda aşak eglip, çägeden bir zatlar alýan we alan zadyny ummanyň tolkunlaryna taşlaýan ýerli ýaşaýja gözi düşüpdir. Ol şol hereketlerini yzygiderli gaýtalap, deňze bir zatlar oklap gelýän eken. Dostum oňa has golaý baranda bu adamyň tolkunlaryň kenara çykaran deňiz ýyldyzlaryny ýygnap, yzyna – deňze goýberýändigine göz ýetiripdir.

Dostum ol adamyň hereketlerine geň galyp, golaýyna baryp aýak çekipdir-de:

– Dost, giç ýagşy! Siz bu ýerde näme işleýärsiňiz? – diýip sorapdyr.

– Deňiz ýyldyzlaryny ummana – yzyna goýberýärin. Görýäňmi, häzir gaýtgyn wagty bolany üçin olar kenarda galypdyrlar. Eger-de men olary ummana goýbermesem, heläk bolarlar.

– Düşünýärin, ýöne kenarda tolkunlaryň getirip taşlan deňiz ýyldyzlary diýseň köp. Seniň olaryň her birini halas edip ýetişmejegiň görnüp dur. Olar juda köp ahyryn. Özüň gowy bilýäň-ä, şeýle ýagdaý deňiz kenarlarynyň ählisinde bolup geçýär. Eýsem, seniň kömegiňden, yhlas siňdiren zähmetiňden haýsydyr bir peýda bolarmyka?

Ýerli ýaşaýjy ýylgyryp, ýene-de bir deňiz ýyldyzyny möwç urýan ummana goýberipdir-de, şeýle diýipdir:

– Elbetde, peýdasy bolar, iň bolmanda bir ýyldyz üçin.

## Gara malyň kiçijik görnüşi

Dünýäde sygryň – iri şahly mallaryň 1000-den gowrak tohumy bar. Gara mallary idetmekde we ösdürip ýetişdirmekde Braziliýa, Awstraliýa, Hytaý, Hindistan, Argentina, ABŞ, Russiýa, Fransiýa, Meksika hem-de Kanada öňdeligi eýeleýär. Ýer ýüzünde gara mallaryň umumy sanynyň 1,5 milliarddan gowrakdygy aýdylýar. Iri şahly mallaryň käbir görnüşi köp süýt berýändigi bilen tapawutlanýan bolsa, käbiri göwresiniň ulylygy, käbiri bolsa mymyjak tüýi we reňki bilen ünsi özüne çekýär. Öýdeçi jandaryň punganur atly tohumy bolsa, kiçijik göwresi bilen tapawutlanyp, görenleri haýran galdyrýar.

Gara mallaryň iň kiçi tohumy hasaplanýan punganur daşyndan göräýmäge oýnawaja meňzeýär. Bu girdenek sygyrlar Hindistanyň günortasyndaky Andhra Pradeş ştatynyň Çittur etrabyndaky daglyk ýerlerinde ösdürilip ýetişdirilýär. Ginnesiň rekordlar kitabynda goralýan jandarlaryň sanawynda görkezilen gara malyň bu görnüşi ýitip gitmek howpy abanýan süýdemdirijileriň biri hasaplanýar.

Punganuryň boýy 70-90 santimetre, agramy 115-200 kilograma ýetýär. Tüýi ak, çal, goňur, gyzyl ýa-da gara reňkde bolýan girdenek sygyrlaryň ýarym aýlawly kiçijik şahy bolýar. Köp mukdarda süýt berýän we süýdüniň ýokumlylygy bilen tapawutlanýan iri şahly malyň bu görnüşi ýer sürmek, ýük daşamak ýaly oba hojalyk işlerinde hem peýdalanylýar. Punganur bir günüň dowamynda 5 kilogram ot-iým iýip, 3-5 litre çenli süýt berýär.

Kiçijikdigine garamazdan ýeterlik süýt berýän punganur hindileriň milli baýlygy hasaplanýar. Punganur ýuwaşlygy we mylaýymlygy bilen çagalaryň iň söýgüli öý jandaryna öwrülýär. Hindileriň ýerli fermalaryndan başga-da, käbir haýwanat baglarynda girdenek sygra duş gelmek bolýar.

Punganur maly 10 kilometr uzaklykdan ys alyp bilýär. Girdenek sygyrlar otlamak üçin her gün 13 kilometre çenli ýol geçip, ekologiýa az mukdarda zyýan ýetirýärler.



## Dünýädäki iň gymmat gül

Ylmy taýdan «epiphyllum oxypetalum» diýlip atlandyrylýan kadupul güli wagtlaýyn açylmagy we owadanlygy bilen tapawutlanýar. Şri-Lankanyň tropik tokaýlarynda bitýän bu ekzotik gül botanikleriň, bagbanlaryň we gülçüleriň ünsüni özüne çekýär. Şri-Lankanyň milli ösümligi bolan kadupul güli medeni ähmiýete eýe bolup, söýginiň we ruhubelentligiň nyşany hasaplanýar.



Diňe gijesine açylýan bu gül 3-4 sagat çemesi hoşboý ysyny ýaýradýar. Daň atanda kadupul güli süllerip, ýapraklary eräp başlaýar. Gysga wagtlyk açylýan bu gül «gijäniň şa zenany» ady bilen tanalýar. Owadan nagyşly ap-ak gül «bir gijelik ömri» bilen beýleki güllerden tapawutlanýar. Kadupul seýrek ösmegi we hoşboý ysy bilen meşhur bolup, dünýädäki iň gymmat gül derejesini göterýär. Diametri 30 santimetre ýetýän bu gülüň ýyldyza meňzeş gültäji bolup, gül ýapraklarynyň aşagynda seçege meňzeş insiz ýaprajyklary bar. Şri-Lankanyň endemik ösümligi bolan kadupul güli başga ýurtlarda hem seýrek ýagdaýda ösdürilip ýetişdirilýär. Şri-Lankada bu gül toýda we milli däp-dessurlar berjaý edilýän dabaralarda bezeg üçin ulanylýar. Kadupul güli baradaky ynançlar we garaýyşlar Şri-lankalylaryň halk döredijiligine, sungatyna we edebiýatyna hem ornaşypdyr. Köp sanly şahyrlar we suratkeşler tebigatyň gözelligini wasp edenlerinde bu güli mysal getirýärler. Kadupul güli täjirçilik maksady bilen ulanylmaýar.

### Haýsy jandar nirede ýaşaýar?

Jandarlara öýüni tapmaga kömek ediň!



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!



### Gyzykly pursat



# Futbolçyny bagta ýetiren söz

Wepanyň futbola bolan yhlasy çeniň-çakyň däldi. Onuň üçin durmuş – futbol, futbol bolsa, durmuşdy.

Ajap gelneje bilen Nazar aga körpe ogullarynyň top depmäge bolan höwesiniň bäri-bärde durmaýanyna öýüň penjiresini döwdürensoňlar hasam ynandylar. Howluda ýeke özi futbol oýnap ýören Wepanyň garşysynda iň bolman-da, onuň depen topuny saklap biljek biri bolandygynda aýna-da döwülmezdi, Wepa-da käýelmezdi.

Nazar aga aýna döwlen gününiň hut ertesi oglunу etrapdaky sport merkezine äkitdi-de, futbol gurnagyna adyny ýazdyryp gaýtdy. Şol gün Wepanyň durmuşynda iň bagtly gün boldy. Şol bagtly günden gözbaş alan begençli wakalaryň hatary barha uzap, Wepanyň diňe etraba ýa-da welaýata däl, eýsem, tutuş ýurda meşhur futbolçy bolup ýetişmegine getirdi.

*«Talyp ylhamy» atly döredijilik bäsleşiginde 1-nji orna mynasyp bolan hekaýa*

Wepa söýgüsini tapyp berenem top boldy. Hawa, gönüden-göni top. Etrapdaky mekdepleriň arasynda geçirilen futbol ýaryşynyň gyzgalaňly gidip duran pursadynda meýdançadan uçup diýen ýaly çykan topy almaga ylgap baran Wepanyň gözi ýanýodada sülmüräp duran gyza düşende tutuş endamy gowşap gitdi. Ol ýerden topy alyp gaýdanam bolsa, göwresinde nämedir bir zadyň kemelendigini duýdy. Hakykatdan-da, Wepa ol ýerden topy alyp, deregine ýüregini goýup gaýdypdy.

Wepanyň şol töwereklere irginsiz aýlanmagy bilen näbelli gyzyň kimdigi bilindi. Ýörite orta lukmançylyk mekdebiniň talyby Gözel Wepanyň kalp derdiniň lukmanyna öwrüldi. Iki ýaş juwanyň söýgüsi hut dessanlardaky ýalydy. Yzygiderli türgenleşiklerden galmaýan, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýän syrdam bedenli ýigit uzyn boýly, ak ýüzli Gözel bilen bile ýöräp gelýärkä dagy, bularyň biri-birine mynasypdygyny görüp, ýüzüňe sylaýmalydy. Ýöne dessanlardaky aşyklaryň arasyna hökman bir böwediň düşüşi ýaly, Wepa bilen Gözeliň hem arasyna çöp düşdi. Dogrusyny aýtsaň-a, ol düşen çöpem däldi-de, topdy...

– Wepa, bagyşla welin, sen top depip, şondan çörek iýjek bolýarmyň? Futbol, diňe bir güýmenje ahyry? Barjak bolýan oglanyň näme kär edýär diýseler, «gowy edip top depip bilýär» diýeýinmi? – diýip, näzijek sesi bilen iňirdäp başlaýan Gözel Wepanyň dünýäsini daraldýardy. Wepa gyza dünýä futbolyndan dürli mysallary getiribem, maksadyny düşündirip bilenokdy. Bekhem, Messi, Ronaldo... Wepa bularyň ählisini gaýybana kömege çagyryp, gyza futbolyň ýönekeý bir oýun däldigini düşündirjek bolýardy. Emma o-da başa baranokdy.

Arzuwy sebitdäki ýeke-täk «akylly» şäheriň futbol ýygyndysynda oýnamak bolany üçin, Wepanyň iki sözüniň biri şol topar, onuň gazanýan üstünlikleri hakyndadу. Ol Gözel bilen her duşuşykda-da, ýürek joşgunyna bäs gelmän, şolardan söz açýardy. Ine-de, topa bolan yhlasy juda aňrydan bolan Wepanyňky çüwdi. Ol «Şu gezeg-ä Gözele futbolyň nähili oýundygyny subut ederin» diýip, nobatdaky duşuşyga ganat baglap uçup diýen ýaly geldi.

– Gözel, Gözel! Diňle meni, şu gezegem diňle! Ýok, ýok, menem diňleme. Al, oka şu gazeti! Seret, «Arkadag» toparynyň ýeten üstünligine. Menem nesip bolsa şu toparyň düzüminde oýnamaga mynasyp bolmak üçin elimde baryny edip ýörün, Gözel! Ynan, sen men hakda «Meniň saýlan ýigidim futbolçy» diýip, hemmelere buýsanyp gürrüň berersiň.

Gözel demi-demine ýetmän gürleýän Wepanyň ýüzüne geň galyjylyk bilen seretdi-de, onuň elindäki gazeti aldy. Gazetiň ilkinji sahypasynda uly harplar bilen «Arkadag» futbol topary şu gün Kambojanyň «Svay Rieng» klubuny 2:1 hasaby bilen ýeňip, 2024/25-nji ýyl AFK Çagyryş ligasynyň kubogyna eýe boldy» diýlen sözleri okap, galam gaşlaryny özüne gelşip duran näz bilen ýokary galdyrdy. Gözeliň her bir hereketini, hatda dem alşyny-da üns bilen synlap duran Wepanyň ýüregi giňedi.

Gözel okumyş gyz bolansoň, metbugat neşirlerini hem uly gyzyklanma bilen okaýardy. Ol häzirem şeýle etmek üçin, azajyk aňyrrak ýöräp, seýilgähiň iň goýry kölegeli ýerinde goýlan uzyn oturgyçda ýerleşdi. «Arkadag» futbol toparynyň täze ýeňşi hakyndaky giňişleýin habary üns




bilen okap başlan Gözeliň birdenkä ýüzleri ýagtyldy. Gyz çalasynlyk bilen ýerinden turdy-da, öňküden hem möhüm bir zadyň üstünden baran dek, henizem öňki duran ýerinde durup, gazet okaýan Gözeli guwanç bilen synlaýan Wepany gol bulap çagyrdy.

– Wepa, Wepa, seretsene, «Arkadag» futbol topary ýaryşa ugrajak bolanda Gahryman Arkadagymyz olara, gör nähili sözleri aýdypdyr. Sen bir pikir et, bu ak patadan, ganatly sözlerden soň nädip ýeňiş gazanmajak?

Wepa Gözeliň elindäki gazeti alyp, söýgüli futbol topary baradaky habary süýjülik bilen täzedenem okap çykdy. Şunça wagtlap Gözeli yryp bilmedik delillerini bir gyra süýşürmegi başaran – Gahryman Arkadagymyzyň «Ýeňiş gazanmak siz bilen, alkyşlamak biz bilen!» diýen sözlerine ýetende bolsa, gözleri buýsanç ýaşyndan dolup, gazeti hut bagryna basaýasy geldi...

**Nurguly GURBANOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# BUKER BAÝRAGYNYŇ UZYN SANAWY

Dünýäniň iň abraýly edebiýat baýraklarynyň biri bolan «Buker» baýragy 2025-nji ýylyň dalaşgärleriniň uzyn sanawyny mälim etdi. Oňa dokuz ýurtdan bolan ýazyjylaryň 13 kitaby girdi. Emin agzalary bu sanawyň soňky 10 ýylda halkara derejesinde bolandygyny bellediler. Hödürlenen eserleriň her biri şahsyýeti we häzirki zaman dünýäsini özbaşdak öwrenýär.

Romanlaryň arasynda Kiran Desainiň üstünde 20 ýyl töweregi işlän «Soni we Sanniniň ýalňyzlygy» (The Loneliness of Sonia and Sunny) atly kitaby bar. Dewid Salainiň «Syna» (Flesh) kitabynda gahrymanyň ýetginjeklikden tä garrylykdaky durmuşy barada gürrüň berilýär. Şeýle hem sanawda Jonatan Bakliniň «Bir gaýyk» (One Boat) atly iň gysga romany we Taş Ouwanyň «Günorta» (The South) ýaly dramatik eserleri bar.

Doly sanaw şeýle tertipde berlipdir:

«Soni we Sanniniň ýalňyzlygy» (The Loneliness of Sonia and Sunny) – Kiran Desai; «Diň salma» (Audition) – Keti Kitamura; «Fonarjyk»



(Flashlight) – Sýuzen Çoý; «Syna» (Flesh) – Dewid Salai; «Nädürs ýorgut» (Misinterpretation) – Lediýa Joga; «Deňiz gökdiräni» (Seascraper) – Benjamin Wud; «Endling» (Endling) – Mariýa Rewa; «Gyşdaky ýer» (The Land in Winter) – Endrýu Miller; «Galan ömrümiz» (The Rest of Our Lives) Benjamin Markowis; «Bir gaýyk» (One Boat) – Jonatan Bakli; «Köptaraplylyk» (Universality) – Nataşa Braun; «Günorta» (The South) – Taş Ouwa; «Söýginiň görnüşleri» (Love Forms) – Kler Adam.

Bu ýylky baýrak üçin emin agzalarynyň başlygy ýazyjy we dramaturg Roddi Doýl boldy. Onuň bilen birlikde kitaplara aktrisa Sara Jessika Parker, şeýle hem ýazyjylar Aýobami Adebaýo, Kaýli Rid we Kris Pawer baha berdiler.

Alty kitapdan ybarat gysga sanaw bolsa, 23-nji sentýabrda Londonyň Patyşa festiwaly zalynda geçiriljek köpçülikleýin çärede mälim ediler. Ýeňiji şu ýylyň 10-njy noýabrynda mälim ediler we 50 müň funt sterling pul baýragyny alar.

Geçen ýylky «Buker» baýragyna «Orbit» romany üçin britan ýazyjysy Samanta Harwi mynasyp bolupdy.

# UÇUT GAÝANYŇ ÝÜZÜNDÄKI KITAP DÜKANY

Hytaýyň Heçi etrabynda (Guansi-Çžuan awtonom sebiti) 300 metrlik uçudyň kertinde gurlan özboluşly kitap dükany köpleriň göwnünden turdy. Adaty bolmadyk binagärlik çözgüdi eýýäm syýahatçylaryň ünsüni özüne çekdi diýip, «News-Asia» ýazýar.

Şu ýylyň maý aýynda açylan kitap dükanyna eýýäm 100 müňden gowrak myhman geldi. Bina agaçdan we aýnadan gurlup, kitap tekjeleriniň käbir bölekleri gaýanyň ýüzüne oýulyp ýasalypdyr. Gündizine kitap dükanyny tebigy yşyk ýagtylandyrýar, agşamlaryna bolsa, aşakdan ýarym yşyklandyrylyp, «asmanda gaýýan galanyň» şekilini emele getirýär.

Dükanda sungat, filosofiýa we taryh boýunça edebiýatlar göze ilýär. Bu ýere gelýänler üçin lonjzolaklar hem-de dag landşaftyna we uçuda tarap açylýan kofehana gurnaldy. Taslama ajaýyp karst çukurlary we dag gözellikleri bilen tanalýan Mýanhua Týanken syýahatçylyk zolagyny ösdürmek boýunça maksatnamanyň bir bölegidir.



**Arzygül ÇARYÝEWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Neşir etmek hukugyny satdy

**ABŞ-nyň ozalky Prezidenti Jo Baýden öz memuarlaryny çap etmek hukugyny «Hachette Book Group» neşirýatyna 10 million amerikan dollaryna satdy. Bu barada «The Wall Street Journal» neşiri habar berdi.**

**Kitabyň ýazylyp, neşir ediljek wagty heniz mälim edilmedi.**

**Amerikanyň 44-nji Prezidenti Barak Obama we onuň aýaly Mişel Obama hem öz ýatlamalary baradaky kitabyny çap etmek hukugyny «Penguin Random House» neşirýatyna 60 million amerikan dollaryna satypdy.**

**Baýdeniň mundan öň, 2007-nji ýylda şahsy durmuşy we syýasy karýeradaky ösüşi barada gürrüň berýän «Sözüňde durmak» atly ilkinji uly ýatlamalar kitaby, 2017-nji ýylda bolsa, «Wada ber, kaka!» atly ikinji ýatlamalar kitaby çykypdy. Syýasatçy bu kitabyny 2015-nji ýylda düwnük keselinden aradan çykan ogly Bo Baýdene bagyşlapdy.**




## 31-nji SKANWORD




## 47-nji KROSSWORD



● **KESELIGINE:** **1.** Suwuklyk gaýnanda ýa-da gyzanda emele gelýän çygly gaz. **4.** Şekillendiriş sungatynyň bir ugry. **9.** Çen-... **12.** Polýus. **13.** Üýtgeşik, täsin **16.** Ortak işligiň goşulmasy -an,-... **17.** Ýewropada bir döwlet. **19.** Ownuk balygyň bir görnüşi. **20.** Päk, päkize. **21.** 1000 kg barabar agyrlyk ölçegi. **22.** «Başynda ..., zerrin otaga,/Şasenem sypatly gyzlary bardyr» (Magtymguly Pyragy). **24.** Hemme işi ökdelik bilen ýerine ýetirýän. **26.** Matanyň bir görnüşi. **29.** Halk hojalygynyň çig mallary işläp bejerýän pudagy. **30.** Bedew, at. **32.** Birinde galan öç. **34.** Gowaça boýly dik ösýän bakja ekini. **35.** Kümüş nitraty. **37.** Gawundan taýýarlanylýan azyk önümi. **39.** Özüne çekiji, syratly. **40.** Aşgarly metallaryň ikili kükürtturşy duzy.

● **DIKLIGINE:** **2.** Ýüpüň haýsy hem bolsa bir tarapy. **3.** Amerikanyň egin-eşik kompaniýasy. **4.** Taryhy ýadygärliklerden biri. **5.** Müsüriň bir şäheri. **6.** Şowly, işleri rowaç bolmak. **7.** Nusgawy saz we opera kontekstinde köplenç dirižýorlara, kompozitorlara we beýleki görnükli sazandalara ýüzlenmek üçin ulanylýan hormatly at. **8.** Dermanlyk ösümlik. **10.** Ugurlary görkezýän enjam. **11.** Çaga güýmenjesi. **14.** Sekunt ölçeýji enjam. **15.** Ýeriň suw gatlagy. **18.** Çilide bir çöl. **23.** Parasatly, bilimli. **25.** Aralamak ýagdaýy. **27.** Düşümleriň biri. **28.** Gylyjyň el bilen tutulýan ýeri, sapy. **29.** Arassaçylyk serişdesi. **31.** Gymmatbaha parçadan tikilen geýim, don. **33.** Azerbaýjanyň halk ýazyjysy. **36.** Ses, owaz. **38.** Gezekleşigi görkezýän baglaýjy kömekçi.

30-njy skanwordyň jogaby:



46-njy krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# Öňdebaryjynyň uly hasaply ýeňişleri

Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 17-nji tapgyryň çäginde geçirilen 3 duşuşygyň 2-sinde myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy. Sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Altyn Asyr» toparyndan 5–2 hasabynda üstün çykdy. 1-nji ýarymda 4–1 öňe saýlanan «Arkadag» toparynyň gollaryny Güýçmyrat Annagulyýew (18), Begenç Akmämmedow (31), Ahmet Ataýew (40), Şanazar Tirkişow (45+1) hem-de Didar Durdyýew (81) geçirdi. Aragatnaşykçylaryň adyndan bolsa Abdyrahman Annamyradow (42) bilen Hoşgeldi Hojowow (60 p) tapawutlandy.

«Aşgabat» topary myhmançylykda «Merwi» Roman Galkin (17) hem-de Begmyrat Baýowyň (33 p) gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Ýer eýelerinden Şöhrat Öwmadowyň 51-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi.

Balkan welaýaty derbisinde, ýagny «Şagadam» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 24-nji minutda Baýramgeldi Nurlyýewiň geçiren goluna ýer eýeleri 1-nji ýarymyň ahyrynda, has takygy, 45+3-nji minutda Mekan Aşyrowyň 11 metrlik jerime urgusyndan salan pökgüsi bilen jogap berdi.

18-nji tapgyryň çäginde «Arkadag» topary myhmançylykda «Şagadam» toparyny 4–1 hasabynda ýeňdi. Sanawyň lideriniň derweză girizen gollarynyň 4-si hem 42–46-njy minutlar aralygynda hasaba alyndy. 42-nji minutda Mekan Saparow hasaby açsa, 45+1-nji minutda Didar Durdyýew, 45+3-nji minutda Begenç Akmämmedow hem-de 2-nji ýarymyň başynda, ýagny 46-njy minutda ýene-de Didar Durdyýew tapawutlandy. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny 86-njy minutda Mekan Aşyrow öz adyna ýazdyrdy.

Paýtagt derbisinde «Aşgabat» topary myhmançylykda «Köpetdag» toparyny Begmyrat Baýowyň 62-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda utmagy başardy.

«Nebitçi» hem öz meýdançasynda şol hasap bilen «Merw» toparyny ýeňlişe sezewar etdi. Balkanabatlylara 3 utuk gazandyran ýeke-täk goly 3-nji minutda Serdar Tukiýew derweză girizdi.

Tapgyryň merkezi oýnunda, 2-nji orun ugrunda göreş alyp barýan 2 toparyň – «Ahal» bilen «Altyn Asyryň» arasyndaky duşuşykda hasap açylmady.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 19 | 17 | 0 | 0 | 81—11 | 57 |
| 2 | «AHAL» | 16 | 10 | 2 | 4 | 31—14 | 32 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 18 | 9 | 3 | 6 | 25—25 | 30 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 18 | 8 | 5 | 5 | 22—24 | 29 |
| 5 | «NEBITÇI» | 18 | 5 | 4 | 9 | 11—22 | 19 |
| 6 | «AŞGABAT» | 18 | 5 | 2 | 11 | 15—37 | 17 |
| 7 | «MERW» | 18 | 2 | 4 | 12 | 8—28 | 10 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 17 | 2 | 2 | 13 | 9—41 | 8 |

# «Arkadag» hem-de «Ahal» toparlarynyň bäsdeşleri belli boldy

**AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynyň täze möwsüminiň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Ýurdumyzdan 2 topar — «Arkadag» hem-de «Ahal» klublarynyň wekilçilik edýän ýaryşynda 32 topar 8 toparçada güýç synanyşar. Günbatar hem-de Gündogar sebitleriniň hersinde 4 toparça bar.**




Ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary «B» toparçada, «Ahal» bolsa «C» toparçada çykyş eder. «Arkadag» topary «B» toparçada Kataryň «Al Ahli», Özbegistanyň «Andijon» hem-de Bahreýniň «Al-Haldiýa» toparlary bilen bije çekişdi. «C» toparçadaky «Ahal» toparynyň bijesine-de Eýranyň «Sepahan», Iordaniýanyň «Al-Hussein» hem-de Hindistanyň «Mohun Bagan» toparlary düşdi.

Portugaliýaly ýyldyz oýunçy Kristiano Ronaldonyň, şol sanda Žoao Feliks, Sadio Mane, Kingsli Koman ýaly meşhur futbolçylaryň çykyş edýän kluby «Al-Nassr» topary «D» toparçada Yragyň «Al-Zawraa», Täjigistanyň «Istiklol» hem-de Hindistanyň «Goa» toparlary bilen güýç synanyşar.

Ýaryşa Tailanddan 3, Türkmenistandan, Eýrandan, Hindistandan, Bahreýnden, Iordaniýadan, Wýetnamdan, Singapurdan, Gonkongdan 2 klub gatnaşýar. Tailandyň «Bangkok Ýunaýted» hem-de Eýranyň «Sepahan» toparlary AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynyň saýlama tapgyryny geçip bilmän, bu ýaryşa goşuldylar.

Her toparçada öňdäki 2 orny eýelän klublar ýaryşy dowam eder. Duşuşyklar 16-njy sentýabrda başlap, 24-nji dekabrda tamamlanar.

**«A» TOPARÇA:**
«Al Wasl» (BAE), «Esteglal» (Eýran), «Al-Muharrak» (Bahreýn), «Al-Wehdat «(Iordaniýa)

**«B» TOPARÇA:**
«Al Ahli» (Katar), «Andijon» (Özbegistan), «Arkadag» (Türkmenistan), «Al-Haldiýa» (Bahreýn)

**«C» TOPARÇA:**
«Sepahan» (Eýran), «Al-Hussein» (Iordaniýa), «Mohun Bagan» (Hindistan), «Ahal» (Türkmenistan)

**«D» TOPARÇA:**
«Al-Nassr» (S. Arabystany), «Al-Zawraa» (Yrak), «Istiklol» (Täjigistan), «Goa» (Hindistan)

**«E» TOPARÇA:**
«Beýszin Goan» (Hytaý), «Makartur» (Awstraliýa), «Tai Po» (Gonkong), «Kong An Ha Noi» (Wýetnam)

**«F» TOPARÇA:**
«Gamba Osaka» (Ýaponiýa), «Nam Din» (Wýetnam), «Ratçaburi» (Kamboja), «Istern» (Gonkong)

**«G» TOPARÇA:**
«Bangkok Ýunaýted» (Tailand), «Selangor» (Malaýziýa), «Laýon Siti Seýlors» (Singapur), «Persib» (Indoneziýa)

**«H» TOPARÇA:**
«Phohan Stilers» (Koreýa Resp.), «BG Patum Ýunaýted» (Tailand), «Kaýa-Iloilo» (Filippinler), «Tampine Rowers» (Singapur)

**«B» toparçanyň duşuşyklary:**
**17-nji sentýabr:** «Arkadag» — «Andijon», «Al Ahli» — «Al-Haldiýa»; **1-nji oktýabr:** «Andijon» — «Al Ahli», «Al-Haldiýa» — «Arkadag»; **22-nji oktýabr:** «Andijon» — «Al-Haldiýa», «Al Ahli» — «Arkadag»; **29-njy oktýabr:** «Al-Haldiýa» — «Al Ahli»; **5-nji noýabr:** «Arkadag» — «Al Ahli», «Al-Haldiýa» — «Andijon»; **26-njy noýabr:** «Andijon» — «Arkadag»; **24-nji dekabr:** «Arkadag» — «Al-Haldiýa», «Al Ahli» — «Andijon»

**«C» toparçanyň duşuşyklary:**
**16-njy sentýabr:** «Mohun Bagan» — «Ahal», «Al-Hussein» — «Sepahan»; **30-njy sentýabr:** «Ahal» — «Al-Hussein», «Sepahan» — «Mohun Bagan»; **21-nji oktýabr:** «Ahal» — «Sepahan», «Al-Hussein» — «Mohun Bagan», **4-nji noýabr:** «Mohun Bagan» — «Al-Hussein», «Sepahan» — «Ahal»; **25-nji noýabr:** «Ahal» — «Mohun Bagan», «Sepahan» — «Al-Hussein»; **23-nji dekabr:** «Mohun Bagan» — «Sepahan», «Al-Hussein» — «Ahal».

# 3 finalda-da italýanlar asgyn geldi

**Tennis boýunça ABŞ-nyň Sinsinnati şäherinde geçirilen «Sinsinnati Açyk» ýaryşy tamamlandy. Erkekleriň arasynda 124-nji, zenanlaryň arasynda-da 97-nji gezek guralan bu «Masters», ýagny ATP ýa-da WTA 1000 bäsleşiginde ispaniýaly Karlos Alkaras bilen polşaly Iga Şwentek ýeňiji boldy. Iki tennisçi-de finalda italiýaly garşydaşlaryndan üstün çykmagy başardy. Ýeňiji hökmünde Alkaras 1 million 124 müň 380, Şwentek bolsa 752 müň 275 amerikan dollary pul baýragy bilen sylaglandy.**





Erkekleriň arasyndaky finalda sanawyň 1-2-nji belgili tennisçileri – italiýaly Ýannik Sinner bilen ispaniýaly Karlos Alkaras duşuşdy. Duşuşygyň 1-nji setinde geçen ýylyň çempiony Sinner garşydaşy Alkarasyň 5:0 öňde barýan mahaly şikesi sebäpli ýaryşdan çekildi. Şunlukda, Alkaras bu ýaryşdaky ilkinji, şol sanda 8-nji «Masters», umumylykda-da 22-nji ATP çempionlygyny baýram etdi.

Zenanlaryň arasyndaky finalda polşaly Iga Şwentek bilen italiýaly Jasmin Paolini duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda Şwentek garşydaşyny 2 setde 7:5, 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň 11-nji «Masters», şol sanda 24-nji WTA çempionlygy diýlip bellige alyndy.

Erkekleriň arasyndaky jübütleýin ýaryşyň finalynda-da italiýaly atdaş tennisçiler – Lorenzo Musetti bilen Lorenzo Sonego ikisi horwatiýaly Nikola Mektiç hem-de amerikaly Rajeew Ram ikisinden asgyn geldi.

Zenanlaryň arasyndaky jübütleýin bäsleşigiň finalynda kanadaly Gabriela Dabrowski bilen awstraliýaly Erin Rutliff ýeňiji boldy.

# Yzly-yzyna 6-njy ýeňşi

Moto GP boýunça möwsümiň uly arakesmesi tamamlanyp, 13-nji bäsleşik Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçirildi. «Red Bull Ring» trassasynda geçirilen ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes ýeňiş gazandy. Ol 28 aýlawy 42 minut 11,006 sekuntda tamamlady. Bu onuň bassyr 6-njy, möwsümdäki 9-njy, karýerasy boýunça-da 71-nji ýeňşidir. Ýaryşda 2-nji ýeri «BK8 Gresini Racing» toparynyň ispan sürüjisi Fermin Aldeger eýeläp, 20 ýaşyndaky sürüji karýerasynda 2-nji gezek ýeňiş münberine çykdy. Aldeger watandaşyndan 1,118 sekunt yza galdy. 3-nji orna ýaryşa ilkinji hatardan bat alan «Aprilia» toparynyň italiýaly sürüjisi Marko Bezzekki mynasyp boldy.



Möwsümiň 13-nji ýaryşyndan soň kem-kemden çempionlyga barýan Mark Markesiň utugy 418-e ýetdi. Onuň inisi Aleks Markes 276 utuk bilen 2-nji ýerde barýar. 3-nji orundaky Franċesko Banaianyň 221 utugy bar.

Möwsümiň 14-nji ýaryşy Wengriýa «Gran Prisi» ýurduň Balatonfokajar şäherçesinde geçiriler.

# «Bawariýanyň» 11-nji Super Kubogy

Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygynda «Bawariýa» bilen «Ştutgart» toparlary duşuşdy. Ilkinji gezek Frans Bekkenbaueriň ady goýlan Super Kubogy duşuşygy Ştutgart şäherindäki




«MHP Arena» stadionynda oýnalyp, oňa 60 müň janköýer tomaşa etdi.

«Bundesliganyň» çempionynyň, ýagny «Bawariýanyň» erjel oýun görkezen duşuşygynda münhenliler 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň 18-nji minutynda «Bawariýa» Harri Keýniň goly bilen öňe saýlandy. Oýnuň 77-nji minutynda bolsa täze transfer Luiz Diaz hasaby 2–0-a çykardy. Duşuşygyň 90+3-nji minutynda Jeými Lewelingiň geçiren goly «Ştutgarta» ýeterlik bolmady. Şunlukda, «Bawariýa» topary 2 ýyllyk arakesmeden soň 11-nji gezek Germaniýanyň Super Kubogyna mynasyp boldy.

Geçen möwsümde 17 ýyldan soň ilkinji kubogyny gazanan «Ştutgart» topary bolsa bassyr 2-nji gezek Super Kubogy duşuşygynda ýeňlişe sezewar bolup, olar geçen ýyl «Baýerden» asgyn gelipdiler.

1987-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygynda iň köp «Bawariýa» topary ýeňiş gazandy. 11 gezek kubogy eýelän münhenliler 7 sapar hem ýeňlişe sezewar boldy. Dortmundyň «Borussiýasy» 6, «Werder» 3 gezek bu kubogy asmana göterdi.




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

| 22-nji awgust (anna) |
|---|
| **Bawariýa – Leipsig (23:30)** |
| **West Ham – Çelsi (00:00)** |

| 23-nji awgust (şenbe) |
|---|
| Rubin – Spartak (16:00) |
| **Man. Siti – Tottenham (16:30)** |
| Baýer – Hoffenhaým (18:30) |
| Arsenal – Lids (21:30) |
| Sankt-Pauli – Borussia D (21:30) |
| Sassuolo – Napoli (21:30) |
| Atletiko – Elçe (22:30) |
| Milan – Kremoneze (23:45) |
| Roma – Bolonýa (23:45) |
| Lewante – Barselona (00:30) |

| 24-nji awgust (ýekşenbe) |
|---|
| Fulham – Man. Ýunaýted (20:30) |
| Owiedo – Real Madrid (00:30) |

| 24-nji awgust (duşenbe) |
|---|
| **Nýukasl – Liwerpul (00:00)** |

# Pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary geçirildi

**UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary geçirilip, 2-si golsuz 3 oýun deňme-deň tamamlandy. 3 oýunda myhmanlar ýeňiş gazanyp, garaşylmadyk netije görkezdiler.**





Tapgyryň iň uly hasaply ýeňşini Norwegiýanyň çempiony «Bude-Glimt» topary gazandy. Öz meýdançasynda Awstriýanyň çempiony «Şturm Gras» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçiren «Bude-Glimt» topary ýaryşyň final tapgyrynyň bosagasyndan ilkinji uly ädimi ätdi. Olara ýeňiş getiren gollary Hög (7), Býortuf (10), Saltnes (25), Ewýen (54) hem-de Býowing (79 ö.d.) geçirdi. Şunlukda, 17 ýyldan soň norweg klublarynyň biri UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyrynda çykyş etmäge golaýlady.

Wengriýada ýurduň çempiony «Ferenswaroş» topary Azerbaýjanyň «Garabag» toparyndan 3–1 hasabynda asgyn geldi. 1-nji ýarymda Warganyň (29) goly bilen öňe geçen wengerleriň derwezesinden azerbaýjanlylar 2-nji ýarymda 3 gol geçirdiler. Şol gollary Ýankowiç (50), Medina (67) hem-de Gurbanli (85) öz atlaryna ýazdyrdylar. Edil şu netije Şotlandiýada hem hasaba alnyp, «Reýnjers» öz meýdançasynda «Klub Brýuggeden» ýeňildi. Oýnuň ilkinji 20 minutynda Wermantyň (3), Spileersiň (7) hem-de Meheleniň (20) gollary bilen 3–0 hasabynda öňe saýlanan «Klub Brýugge» final tapgyryna çykmak üçin uly mümkinçilige eýe boldy. Şotlandlar 2-nji ýarymda geçirden 3 golunyň biriniň öwezini Danilonyň (50) takyk urgusy bilen dolsa-da, bu olara ýeterlik bolmady.

Kipriň «Pafos» topary geň galdyrmagyny dowam edýär. Mundan öňki tapgyrda «Dinamo Kiýewi» ýaryşdan çykaran pafoslylar myhmançylykda «Srwena Zwezda» toparyndan 2–1 hasabynda üstün çykdy. Eýýäm 1-nji minutda Korreiranyň goly bilen öňe geçen «Pafos» toparynyň 2-nji golunу 52-nji minutda 11 metrlik jerime urgusynda Pepe derweză girizdi. Serb toparynyň ýeke-täk golunу 58-nji minutda Duarte öz adyna ýazdyrdy.

«Reýnjersiň» ýeňlişinden soň 2-nji şotland kluby, ýurduň çempiony «Seltik» topary öz meýdançasynda «Kairat» bilen duşuşyp, golsuz deňme-deň oýnady. Golsuz tamamlanan başga bir duşuşyk Stambulda hasaba alyndy. 12 ýyldan bäri Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna çykyp bilmän gelýän «Fenerbahçe» topary öz meýdançasynda «Benfika» bilen golsuz deňme-deň oýnady.

Şeýle-de, «Bazel» bilen «Kopengageniň» arasyndaky 1-nji oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Şweýsar topary Şakiriniň 14-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen öňe geçse-de, myhmanlar 45+3-nji minutda Pereiranyň takyk urgusy esasynda hasaby deňledi.

Jogap duşuşyklary 26-27-nji awgustda oýnalar. 28-nji awgustda bolsa UEFA Çempionlar Ligasynyň bijeleri, has takygy, gatnaşýan 36 klubuň haýsy 8 topar bilen özara duşuşyk geçirjekdigi belli bolar.

***Pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:*** **Ferenswaroş (Wengriýa) – Garabag (Azerbaýjan): 1-3,** Srwena Zwezda (Serbiýa) – Pafos (Kipr): 1-2, **Seltik (Şotlandiýa) – Kairat (Gazagystan): 0-0,** Bude-Glimt (Norwegiýa) – Şturm Gras (Awstriýa): 5-0, **Bazel (Şweýsariýa) – Kopengagen (Daniýa): 1-1,** Reýnjers (Şotlandiýa) – Klub Brýugge (Belgiýa): 1-3, **Fenerbahçe (Türkiýe) – Benfika (Portugaliýa): 0-0.**

# «Liwerpul», «Arsenal», «Barselona», «Real» ýeňiş bilen başlady

Angliýanyň çempionatynda täze möwsümiň ilkinji tapgyrynda soňky çempion «Liwerpul» öz meýdançasynda «Bornmuty» soňky minutlarda geçiren gollary bilen 4–2 hasabynda ýeňmegi başardy. Täze transfer



Ekitike (37) hem-de Gakponyň (49) gollary bilen 2–0 öňe geçen «Liwerpula» myhmanlar Semenýonyň (64, 76) takyk urgulary bilen jogap berdi. Ruhdan düşmedik «Liwerpul» Kieza (88) hem-de Salahyň (90+4) soňky minutlarda geçiren gollary esasynda kynlyk bilenem bolsa 3 utugy gazandy.

«Mançester Siti» myhmançylykda «Wulwerhemptonyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Gollary Holann (34, 61) hem-de täze transferler Reýnders (37) bilen Şerki (81) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Tottenham» öz meýdançasynda «Börnlini» Rişarlisonyň owadan 2 hem-de Jonsonyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Arsenal» myhmançylykda «Mançester Ýunaýtedi» Kalafioriniň 13-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňmegi başardy. «Aston Willa» – «Nýukasl», «Çelsi» — «Kristal Palas» duşuşyklarynda hasap açylmady.

1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan «Braýton» – «Fulham» duşuşygynyň 88-nji minutynda oýna giren ýer eýeleriniň weteran ýyldyzy Jeýms Milner «Premier Ligada» bassyr 24 möwsüm meýdança çykan ilkinji futbolçy boldy. Ol ýene-de 15 duşuşykda oýnasa, APL-de iň köp duşuşyk geçiren futbolçy rekordynyň täze eýesi bolar. Bu ugurda rekordyň häzirki eýesi Garet Berri bolup, APL-de 653 oýun oýnady.

Liwerpul — Bornmut: 4–2, A. Willa – Nýukasl: 0–0, Braýton – Fulham: 1-1, Sanderland – West Ham: 3-0, Tottenham — Börnli: 3-0, Wulwerhempton – Man. Siti: 0-4, N. Forest – Brentford: 3-1, Çelsi – K. Palas: 0-0, Man. Ýunaýted – Arsenal: 0-1, Lids – Ewerton: 1-0

**«Real Madride» Mbappe ýeňiş getirdi**

● Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» myhmançylykda «Malýorka» bilen



duşuşyp, garşydaşyny 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda gollary Rafiňýa (7), Torres (23) hem-de 10-njy belginiň täze eýesi Lamin Ýamal (90+4) geçirdi. «Malýorka» toparynda Morlanes 33-nji, Muriki 39-njy minutda gyzyl kart aldy. Ançelottiniň ornuna Habi Alonsony tälimçilige bellän «Real Madrid» topary möwsümiň ilkinji duşuşygynda iň kiçi hasaply ýeňiş gazandy. Öz meýdançasynda «Osasunany» kabul eden paýtagtlylar geçen möwsümde Ýewropa «Altyn butsy» baýragyny gazanan Kilian Mbappeniň 51-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen üstün çykdy. Madridiň «Atletikosy» myhmançylykda «Espanýol» bilen duşuşyp, Hulian Alwaresiň 37-nji minutda salan goly esasynda öňe geçse-de, ýeňşi elden giderdi. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Rubio (73) bilen Miliýa (84) öz atlaryna ýazdyrdylar. 5 goluň geçirilen oýnunda «Atletik» öz meýdançasynda «Sewilýany» 3–2 hasabynda ýeňmegi başardy (N. Williams 36 p, Sannadi 43, Nawarro 81 – Lukebakio 60, Agume 72).

Žirona – R. Wallekano: 1-3, Wilýarreal – Owiedo: 2-0, Malýorka – Barselona: 0-3, Alawes – Lewante: 2-1, Walensiýa – R. Sosiedad: 1-1, Selta – Hetafe: 0-2, Atletik – Sewilýa: 3-2, Espanýol – Atletiko: 2-1, Elçe – Betis: 1-1, Real Madrid – Osasuna: 1-0



# «Lokomotiw» öňde barýar

Russiýanyň çempionaty «Premýer Ligada» 5-nji tapgyryň duşuşyklary geçirilip, sanawyň ýeňlişsiz lideri «Lokomotiw» ilkinji utugyny ýitirdi. Moskwanyň kluby myhmançylykda «Baltika» bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Tapgyryň merkezi oýny «Spartak» bilen «Zenitiň» arasyndaky duşuşykda jedelli pursatlar az bolmady. «Zenit» 51-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnady. 2–2 hasabynda deňlikde gutaran duşuşykda moskwalylaryň adyndan Markinios (18) bilen Fernandeş (38), sankt-peterburglylaryň adyndan bolsa Kassierra (15) bilen Sobolew (63) tapawutlandy. Toparlaryň ikisi-de 1 gezek 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Moskwa derbisinde SSKA myhmançylykda «Dinamony» 3–1 hasabynda ýeňdi. Soňky çempion «Krasnodar» öz meýdançasynda «Soçini» Spersýanyň (2), Wiktor Sanyň, Kriwsowyň hem-de Wolkowyň (ö.d.) gollary bilen 5–1 hasabynda utdy.

Baltika — Lokomotiw: 1–1, Spartak — Zenit: 2–2, Ahmat — K. Sowetow: 3–1, Akron — Orenburg: 1–2, Rubin — Rostow: 1–0, Dinamo – SSKA: 1–3, Krasnodar — Soçi: 5–1, Pari NN — Dinamo-Mahaçkala: 2–0.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «Serie A»-nyň 94-nji, «Bundesliganyň» 63-nji möwsümi başlanýar

**Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň täze 94-nji, umumylykda italýan ýokary ligasynyň 124-nji möwsümine ertir badalga berler. 20 klubuň çykyş edýän çempionatynda «Napoli», «Inter», «Ýuwentus», «Roma», «Milan», «Lasio» klublary çempionlygyň esasy dalaşgärleri diýlip görkezilýär.**




Çempionatda Lombardi sebitinden 5 topar – «Milan», «Inter», «Atalanta», «Komo», «Kremoneze» klublary, Emilia-Romanodan 3 topar – «Bolonýa», «Parma», «Sassuolo» klublary wekilçilik eder. Milan, Rim, Turin şäherleriniň hersinden 2 klub çykyş edip, şol şäherleriň klublarynyň özara duşuşygy çempionatyň esasy derbileri hasaplanýar.





2025/26 möwsüminde çykyş etjek 20 klubuň 12-si şu tomusda tälimçilerini çalyşdylar. Başgaça aýdylanda, diňe 8 klub geçen möwsümdäki tälimçileri bilen ýoluny dowam edýär. «Milandyr» «Lasio», «Fiorentina» ýaly klublar öňki tälimçilerini wezipä belledi. Aglaba ýerli hünärmenleriň agdyklyk edýän çempionatyndaky 20 klubuň 7-sine legionerler tälim berip, olaryň arasynda Horwatiýadyr Ispaniýadan 2, Rumyniýadan, Fransiýadan hem-de Germaniýadan 1 tälimçi bar. Şeýle-de, klublaryň 6-sy amerikaly işewürleriň ýa-da uly kompaniýalaryň eýeçiligindedir.

«Empoli» 4, «Monza» 3, «Wenesiýa» 1 ýyldan soň aşaky liga düşdi. Olaryň ornuna «Serie B»-den «Sassuolo», «Piza» hem-de «Kremoneze» toparlary ýokary liga çykdylar. Esasanam, «Piza» toparynyň 34 ýyldan soň «Serie A» dolanmagy aýratyn bellärliklidir.

**NAPOLI.** Tälimçisi Antonio Konteni klubda saklan neapollylaryň düzüminden Raspadori gitdi. De Bruýne, Noa Lang, Sam Beukema ýaly oýunçylary transfer eden topar, esasan hem, «Serie A»-da 3 dürli kluba çempionlyk gazandyran ýeke-täk tälimçi Konte, şol sanda, Politano, MakTomineý, Anguissa ýaly oýunçylaryna bil baglaýar. Ýyldyz oýunçy Lukakunyň şikesi sebäpli geljek ýyla çenli topara kömegi degmez.

**INTER.** Geçen möwsümde ähli ýaryşlarda gazanyp biljek çempionlyklaryny soňky pursatlarda ýa-da finalda elden gideren «Interiň» iň esasy ýitgisi tälimçi Simone Inzagi bolar. 6 aýlyk tejribesi bolan Kiwuny tälimçilige bellän «Inter» transfer möwsümini işjeň bolmadyk ýagdaýda geçirýär.

**ÝUWENTUS.** 5 möwsümden bäri çempionlyk gazanyp bilmän gelýän «Ýuwentus» tälimçisi Igor Tudor bilen ýoluny dowam eder. Jonatan Dewid bilen Žoao Mariony transfer eden «Ýuwentusdan» Timoti Wea başga kluba geçdi.

**ROMA.** Geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny Ranieriniň tälimçiliginde ýokary derejede tamamlan paýtagtyň adybir klubunda tälimçilik Jan Piero Gaspeririniň gerdenine mündürildi. «Atalanta» toparyndaky 9 ýyllyk tälimçiliginde bergamolylara taryhy ýeňişler, hatda Ýewropa Ligasynyň çempionlygyny gazandyran Gaspeririniň paýtagtlylardaky başdan geçirmesiniň nähili dowam etjekdigi klubuň janköýerlerini içgin gyzyklandyrýar. Belki-de Gaspeririniň paýtagtlylara çärýek asyrdan soň çempionlyk kubogyny gazandyrmagy hem mümkin.

**MILAN.** Geçen möwsümi portugaliýaly tälimçileriň ýolbaşçylygynda (ýanwara çenli Fonseka, ýanwardan soň Konseýsau) şowsuz tamamlan «Milan» ozalky tälimçisini, kluba 2011-nji ýylda 18-nji çempionlygyny gazandyran Massimiliano Allegrini wezipä belledi. Transfer möwsüminiň ugradan hem-de alan oýunçylary bilen iň işjeň klublarynyň biri bolan «Milandan» iň esasy ýyldyzy Teýani Reýnders, şol sanda, Teo Hernandes, Malik Tşau, Emerson ýaly oýunçylar başga klublara geçdi. Modriç, Riççi, Estupinýan, Jaşari, De Winter ýaly oýunçylary-da alan «Milanyň» iň uly ýyldyzy Rafael Leao, şeýle-de Kristian Pulişiç bolar.

**BEÝLEKILER.** Maurisio Sarrini tälimçilige bellän «Lasio», şol sanda Stefano Piolini täzeden toparyň tälimçiligine goýan «Fiorentina» topary-da öňdäki orunlar ugrunda göreş alyp barjak beýleki klublar bolar. Gaspeririniň deregine Iwan Ýuriçi tälimçi eden «Atalanta» toparynda bir döwür tamam bolup, olaryň täze başdan geçirmesiniň nähili başlajakdygy janköýerlerde uly gyzyklanma döredýär.

### «BAWARIÝA» we BEÝLEKILERIŇ LIGASY

Ýewropanyň TOP 5 çempionatynyň dördünjisi hasaplanýan Germaniýanyň «Bundesligasynda» täze 63-nji möwsüme şu gije çempion «Bawariýanyň» öz meýdançasynda «Leipsigi» kabul etjek duşuşygy bilen badalga berler. 18 klubuň çykyş edýän çempionatynda çempionlygyň iň esasy dalaşgäri hemişekiler ýaly, ýene-de «Bawariýa» bolar. «Borussiýa Dortmund», «Baýer», «Leipsig», «Aýntraht» ýaly klublar hem beýleki dalaşgärler bolup, olaryň gazanjak çempionlyklary garaşylmadyk netije hökmünde hasaba alnar.

«Bundesliga» transfer möwsüminde iň köp girdeji gazanan çempionatlaryň biri bolup, käbir ýyldyz oýunçylar, esasanam, Angliýanyň çempionatyny saýladylar.




Serie A

| KLUBLAR | ŞÄHERI | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|---|
| Atalanta | Bergamo | Stadio Atleti Azzurri d'Italia – 24 950 | Iwan Ýuriç (Horwatiýa) |
| Bolonýa | Bolonýa | Stadio Renato Dall'Ara – 38 279 | Winçenzon Italiano |
| Kaliari | Kaliari | Unipol Domus – 16 416 | Fabio Pisakane |
| Komo | Komo | Stadio Giuseppe Sinigaglia – 13 602 | Sesk Fabregas (Ispaniýa) |
| Kremoneze | Kremona | Stadio Giovanni Zini – 20 641 | Dawide Nikola |
| Fiorentina | Florensiýa | Stadio Artemio Franchi – 43 118 | Stefano Pioli |
| Jenoa | Genue | Stadio Luigi Ferraris – 33 205 | Patrik Wieira (Fransiýa) |
| Werona | Werona | Stadio Marcantonio Bentegodi – 31 713 | Paolo Zanetti |
| Inter | Milan | San Siro – 75 710 | Kristian Kiwu (Rumyniýa) |
| Ýuwentus | Turin | Juventus Stadium – 41 507 | Igor Tudor (Horwatiýa) |
| Lasio | Rim | Stadio Olimpico – 67 585 | Maurisio Sarri |
| Leçҫe | Leçҫe | Stadio Via del mare – 30 354 | Eusebio Di Françesko |
| Milan | Milan | San Siro – 75 710 | Massimiliano Allegri |
| Napoli | Neapol | Stadio Diego Armando Maradona – 54 732 | Antonio Konte |
| Parma | Parma | Stadio Ennio Tardini – 22 352 | Karlos Kuesta (Ispaniýa) |
| Piza | Piza | Arena Garibaldi – Stadio Romeo Anconetani – 12 508 | Alberto Jilardino |
| Roma | Rim | Stadio Olimpico – 67 585 | Jan Piero Gasperini |
| Sassuolo | Sassuolo | Mapei Stadium – Città del Tricolore – 21 515 | Fabio Grosso |
| Torino | Turin | Stadio Olimpico Grande Torino – 28 177 | Marko Baroni |
| Udineze | Udine | Stadio Friuli – 25 132 | Kosta Runýaiç (Germaniýa) |





Bundesliga

| KLUBLAR | ŞÄHERI | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|---|
| Augsburg | Augsburg | WWK Arena – 30 660 | Sandro Wagner |
| Union Berlin | Berlin | Stadion An der Alten Försterei – 22 012 | Şteffen Baumgart |
| Werder | Bremen | Weserstadion – 42 100 | Hörst Şteffen |
| Borussiýa | Dortmund | Signal Iduna Park – 81 365 | Niko Kowaç (Horwatiýa) |
| Aýntraht | Frankfurt | Deutsche Bank Park – 58 000 | Dino Topmöller |
| Fraýburg | Fraýburg | Europa-Park Stadion – 34 700 | Ýulian Şuster |
| Hamburg | Hamburg | Volksparkstadion – 57 000 | Merlin Polzin |
| Haýdenhaým | Haýdenhaým | Voith-Arena – 15 000 | Frank Şmidt |
| Hoffenhaým | Sinshaým | PreZero Arena – 30 150 | Kristian Ilzer (Awstriýa) |
| Köln | Köln | RheinEnergieStadion – 49 698 | Lukaş Kwasniok (Polşa) |
| Leipsig | Leipsig | Red Bull Arena – 47 800 | Ole Werner |
| Baýer | Lewerkuzen | BayArena – 30 210 | Erik ten Hag (Niderlandlar) |
| Maýns 05 | Maýns | Mewa Arena – 33 305 | Bo Henriksen (Daniýa) |
| Borussiýa | Mönhengladbah | Borussia-Park – 54 042 | Gerardo Seoane (Şweýsariýa) |
| Bawariýa | Münhen | Allianz Arena – 75 000 | Wensan Kompani (Belgiýa) |
| Sankt-Pauli | Hamburg | Millerntor-Stadion – 29 546 | Aleksander Blessin |
| Ştutgart | Ştutgart | MHPArena – 60 058 | Sebastian Houness |
| Wolfsburg | Wolfsburg | Volkswagen Arena – 28 917 | Pol Simonis (Niderlandlar) |

18 klubuň 10-syna ýerli, galan 8 topara daşary ýurtly hünärmenler tälim berýär. Toparlaryň 6-syny geçen ýyldaky tälimçileri däl-de, täze tälimçiler türgenleşdirerler.

«Holştaýn Kiel» bilen «Bohum» toparlary geçen möwsümi iň aşaky 2 orunda tamamlap, «Bundesliga 2»-ä düşdüler. Olaryň ornuna «Hamburg» 7 ýyldan soň hem-de Köln 1 ýyllyk arakesmeden soň dolanan toparlar boldy.

Çempionatyň ýeke-täk şäher derbisi Hamburg bilen Sankt-Pauli klublarynyň arasyndaky oýun bolar.






**BAWARIÝA.** Soňky 14 ýylda 13 gezek çempionlyk gazanan «Bawariýa» topary täze möwsümde-de altyn medalyň birinji derejeli dalaşgäridir. Wensan Kompaniniň tälimçiligindäki klubda 18 ýyl oýnan Tomas Müller, şol sanda Kingsli Koman, Leroý Sane, Erik Daýer ýaly futbolçylar transfer boldy. Jonatan Tany, Luiz Diazy transfer eden «Bawariýa» Keýn, häzirki wagtda şikesli bolsa-da Musiala, Olise, Kimmih, Goretska, Gnabri ýaly ýyldyzlaryna uly ynam bildirýär.

**BORUSSIÝA DORTMUND.** Horwatiýaly Niko Kowaçyň tälimçiligindäki klub çempionlygyň 2-nji dalaşgäri hasaplanýar. Joub Bellingamy düzümine goşan dortmundlylar başga bir iňlis futbolçysy Jeými Gittensi topardan ugratdy.

**BAÝER.** Topardaky iň esasy üýtgeşiklik kluba taryhy çempionlyk gazandyran Habi Alonsonyň, şeýle-de ýyldyz oýunçy Florian Wirtsiň gitmegi boldy. Erik ten Hagy tälimçilige bellän «Baýerden» Jonatan Ta, Frimpong, Džaka ýaly 2 ýyl öňki çempionlyga uly goşant goşanlar topardan gitdi. Topar olaryň öwezini Kuansah, Tillman ýaly oýunçylar bilen dolmaga synanyşar.

**LEIPSIG.** «Bundesliga» çykaly bäri ilkinji gezek Ýewrokuboklaryň daşynda galan «Leipsig» topary Ole Werneriň tälimçiliginde täze möwsüme başlar. Şeşko, Poulsen, Andre Silwa ýaly oýunçylary ugradan topar Banzuzi, Bakaýoko, Kardoso, Diomande ýaly futbolçylary transfer etdi.

## TRANSFER TÄZELIKLERI

● Angliýanyň «Nottingam Forest» topary düzümini güýçlendirmegini dowam edýär. Nottingamşaýrlylar soňky 3 günde 3 futbolçy bilen resmi ýagdaýda şertnama baglaşdylar. «Nottingam Forest» topary aşaky liga düşen «Ipswiç Tawndan» 21 ýaşyndaky ýarymgoragçy Omar Hatçinsony 37,5 million funt sterlinge, şol sanda «Mançester Sitiden» 22 ýaşyndaky Jeýms MakAtini 30 million funt sterlinge transfer etdi. Iki iňlis futbolçysy bilenem 5 ýyllyk şertnama baglaşan «Nottingam Forestiň» 3-nji transferi Fransiýanyň «Renn» klubundan Arno Kalimuendo boldy. 23 ýaşyndaky fransuz hüjümçisiniň transfer bahasy 26 million funt sterling diýlip kesgitlenildi. Kalimuendo hem iňlis kluby bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. PSŽ, «Lans» hem-de «Renn» toparlarynda oýnan Kalimuendonyň 182 oýunda 61 goly bar. «Nottingam Forest» iýul aýynda-da «Botafogadan» Igor Žesus bilen Žair Kunýany, «Bolonýadanam» şweýsariýaly Dan Ndoýeni 34,5 million funt sterlinge transfer edipdi.




● Italiýanyň «Milan» topary goragyna 2 futbolçy goşdy. «Rossoneriler» ilki «Jenoa» toparyndan 23 ýaşyndaky belgiýaly merkezi goragçy Koni De Winteri 20 million ýewro transfer etdi. Şeýle-de, Şweýsariýanyň «Ýang Boýz» toparyndan sag gyraky goragçy Zakari Atekame hem «Milanyň» düzümine goşuldy. 20 ýaşyndaky oýunçynyň transfer tölegi 10 million ýewro diýlip bellenildi. Italýan kluby 2 oýunçy bilen 2030-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy. De Winter «Ýuwentusyň» U23 düzüminde hem-de «Empolide» oýnapdy. Atekame bolsa «Ýang Boýzdan» öň «Newşatel Ksamaksyň» köýnekçesini geýipdi. De Winter 5-nji, Atekame bolsa 24-nji belgili köýnekçede çykyş eder.



● Angliýanyň «Nýukasl» topary «Milanyň» germaniýaly merkezi goragçysy Malik Tşauny düzümine goşdy. Iňlis kluby 24 ýaşyndaky goragçy üçin italýan toparyna 35+5 million ýewro berer. «Nýukasl» topary Tşau bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Karýerasyna «Şalkede» başlan Tşau «Milanda» 3 möwsümde 85 duşuşykda meýdança çykdy. Tşau Germaniýanyň milli ýygyndysynda 3 duşuşyk geçirdi. Tşau «Nýukaslda» 12-nji belgili köýnekçäni geýer.




«Nýukasl» topary ýurduň başga bir topary «Aston Willadan» Jeýkob Remzini 39+4 million funt sterlinge transfer etdi. 24 ýaşyndaky angliýaly ýarymgoragçy täze kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Aston Willada» 5 möwsüm çykyş eden Jeýkob Remzi birmingemlileriň düzüminde 167 oýunda 17 gol geçirdi. Remzi «Nýukaslda» 41-nji belgili köýnekçäni geýer.

● Fransiýaly meşhur hüjümçi Kingsli Koman mundan soň karýerasyny Saud Arabystanynyň çempionaty SPL-de dowam etdirer. 29 ýaşyndaky winger «Bawariýadan» «Al-Nassr» toparyna transfer boldy. Arap kluby Komanyň transferi üçin nemes toparyna 30+5 million ýewro berer. Koman täze kluby bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. 14 ýyllyk karýerasy boýunça PSŽ, «Ýuwentus» hem-de «Bawariýa» klublarynda oýnan Koman 13 gezek çempionlyk gazandy. Ol diňe 2023/24 möwsüminde çempion bolup bilmedi. Umumylykda onuň 27 kubogy bar. Koman şol klublarda 381 oýunda 73 gol geçirdi.



● «Mançester Siti» toparynyň ýyldyz oýunçysy Jäk Griliş karýerasyny ýurduň başga bir topary «Ewertonda» dowam eder. 29 ýaşyndaky winger liwerpullylar bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. «Aston Willada» futbola başlan Griliş bu toparda 7 möwsümde 213 oýunda 32 gol geçirdi.



2021-nji ýylda 100 million funt sterlinge, ýagny iň ýokary baha transfer edilen iňlis futbolçysy rekordyny goýup, «Mançester Siti» toparyna geçen Griliş bu klubda 4 möwsümde 157 oýunda 17 gezek tapawutlandy. 2013/14 möwsümini kärendesine «Notts Kaunti» toparynda geçiren Griliş «Ewertonda» 18-nji belgili köýnekçäni geýer.

● Ispaniýaly ýyldyz hüjümçi Alwaro Morata «Serie A»-nyň «Komo» toparynyň düzümine goşuldy. Ýanwar aýynda «Milandan» «Galatasaraýa» kärendesine transfer bolan 32 ýaşyndaky hüjümçi «Komoda» hem 1 ýyllyk kärendesine oýnar. Karýerasy boýunça «Real Madrid», «Ýuwentus», «Çelsi», «Atletiko Madrid», «Milan» toparlarynda oýnan Morata şu wagta çenli klublarda 631 oýunda 230 gol geçirdi. Morata «Komo» toparynda 7-nji belgide oýnar.




## Salah PFA-nyň baýragyny 3 gezek gazanan ilkinji futbolçy boldy



**Angliýada Professional futbolçylar assosiasiýasy (PFA) «Premier Ligada» ýylyň futbolçysy hökmünde «Liwerpulyň» müsürli ýyldyzy Mohamed Salahy saýlady. 33 ýaşyndaky futbolçy bu baýragy 3-nji gezek alyp, ol muny başaran ilkinji futbolçy boldy. Salah mundan öň 2018-nji we 2022-nji ýyllarda bu baýraga laýyk görlüpdi. Salah geçen möwsümde 38 oýunda 29 gol geçirip, çempionatyň iň netijeli futbolçysy boldy.**

**PFA-nyň bu baýragyny Mark Hýuz, Alan Şirer, Tierri Anri, Kristiano Ronaldo, Garet Beýl, Kewin de Bruýne ýaly ýyldyzlar 2 gezek alypdy.**

Ygtyýarnama: 1-15-24-147

TÜRKMEN DÖWLET BINAGÄRLIK-GURLUŞYK INSTITUTYNYŇ IT YLMY-TEHNIKI MERKEZI DÖWLET KÄRHANASY AŞAKDAKY UGURLAR BOÝUNÇA GYSGA MÖHLETLI OKUWLARA KABUL EDÝÄR

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý. |
| 2 | Iňlis dili | 3 aý. |
| 3 | Rus dili | 3 aý. |
| 4 | Nemes dili | 3 aý. |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý. |
| 6 | Matematika | 3 aý. |
| 7 | Suratkeş | 6 aý. |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý. |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 3 aý. |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý. |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý. |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý. |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý. |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý. |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý. |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý. |
| 17 | Tokar | 5 aý. |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý. |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý. |
| 20 | Psihologiýanyň we pedagogikanyň esaslary | 3 aý. |
| 21 | Kiçi we orta telekeçiligiň menejmenti | 1-3 aý. |
| 22 | Senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3 hepde. |
| 23 | Ekologiýa howpsuzlygy | 3 hepde. |
| 24 | Baha kesiji işgärleriň hünär derejesini kämilleşdirmek | 3 hepde. |

**Ýazmaça we dilden terjime merkezi. Inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlar bermek hyzmaty.**

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär. Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär. Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*
*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*
*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*
*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*
*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi;*

**Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.**

**Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993 12 28-18-50.**